TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– EZIZ WATANYMYZYŇ DÜNÝÄ DOLAN ABRAÝ-MERTEBESI, HALKYMYZYŇ AGZYBIRLIGI WE JEBISLIGI, DÖWLETLILIGIMIZ HEM-DE ROWAÇLYGYMYZ MUKADDES GARAŞSYZLYGYMYZYŇ GAZANANLARY BILEN AÝRYLMAZ BAGLANYŞYKLYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
16-njy sentýabr, 2022. Belgisi 37/1499



# ŞANLY SENÄ MYNASYP TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

**12-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary A.Ýazmyradowyň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda oba hojalyk toplumynda alnyp barylýan işleriň we ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine, Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 31 ýyllygyny baýram etmäge taýýarlyk görlüşine, sebitlerdäki möwsümleýin oba hojalyk işleriniň geçirilişine degişli meselelere garaldy.**

Welaýatlaryň häkimleri pagta ýygymynyň alnyp barlyşy, pagta arassalaýjy kärhanalaryň, kabul ediş harmanhanalarynyň, kombaýnlaryň we beýleki tehnikalaryň bökdençsiz işledilişi, hasyly ýygnap almak üçin gowaçanyň ýapragyny düşürmek işleriniň geçirilişi barada hasabat berdiler. Şunuň bilen bir hatarda bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek üçin tehnikalar, gurallar doly güýjünde işledilýär, bugdaý öndürijiler ýokary hilli tohumlar we mineral dökünler bilen üpjün edilýär. Güýzlük ýeralma, gök-bakja, beýleki oba hojalyk ekinlerine ideg işleri dowam etdirilýär. Mundan başga-da, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllygyna taýýarlyk görlüşi, bu sene mynasybetli ulanmaga tabşyrylmagy göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyklaryň barşy barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, pagta ýygymynyň oba hojalygynda möhüm möwsümleriň biridigini aýdyp, bu ugurda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin zerur tagallalaryň edilmelidigini belledi hem-de pagta arassalaýjy kärhanalaryň, kabul ediş harmanhanalarynyň, kombaýnlaryň, beýleki tehnikalaryň bökdençsiz işledilmelidigini tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz bugdaý ekişiniň depginlerini güýçlendirmegiň möhümdigini, bu möwsümi üstünlikli geçirmek maksady bilen, hemme degişli meseleleriň öz wagtynda çözülmeginiň berk gözegçilikde saklanylmalydygyny belläp, bu babatda häkimlere birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Ekiş döwründe gallaçylar ýokary hilli tohumlar bilen üpjün edilmelidir, tehnikalar doly güýjünde işledilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şeýle-de, hormatly Prezidentimiz güýzlük ýeralma, gök-bakja we beýleki ekinlere ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, bellenilen möhletlerde geçirilmelidigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 31 ýyllyk baýramyna ýokary guramaçylyk derejesinde taýýarlyk görmegiň zerurdygyny, welaýatlarda bina edilýän ähli desgalaryň bellenilen möhletlerde hem-de ýokary hilli ulanmaga berilmelidigini belläp, häkimlere degişli görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow gözegçilik edýän oba hojalyk toplumynda işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi. Wise-premýer häzirki wagtda ýurdumyzda pagta ýygymynyň dowam edýändigini, Daşoguz welaýatynda-da bu jogapkärli möwsüme başlamak boýunça degişli taýýarlyk işleriniň geçirilýändigini aýtdy. Şu günler ýurdumyzyň welaýatlarynda bugdaý ekişiniň dowam edýändigi barada hem hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk işlerini degişli derejede guramak, agrotehnikanyň kadalaryny berjaý etmek, pagta ýygymynyň hem-de güýzlük bugdaý ekişiniň depginini gowşatman alyp barmagy üpjün etmek bilen bagly meseleleri hemişe üns merkezinde saklamagy wise-premýere tabşyrdy. Mundan başga-da, güýzlük ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ýokary hasylyny almak üçin, olara ideg edilişi hemişe üns merkezinde bolmalydyr.

Döwlet Baştutanymyz öňde jogapkärli wezipeleriň durýandygyny aýdyp, Bitarap Watanymyzyň ýyl ýazgysyndaky şöhratly senä – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllyk baýramçylygyna ünsi çekdi. Edermen gallaçylarymyzyň we pagtaçylarymyzyň tutanýerli zähmeti naýbaşy baýramymyzyň ýakynlaşyp gelýän şu günlerinde uly ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiz «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda kesgitlenen ähli wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň wajypdygyny belledi. Munuň özi ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly senäniň mynasyp garşylanmagynda uly ähmiýete eýedir. Döwlet Baştutanymyz öňde goýlan wezipeleriň çözülmegine jogapkärçilikli hem-de toplumlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyny nygtap, wise-premýere, welaýatlaryň häkimlerine birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

## Bagtyýar halkymyz Garaşsyzlyk toýuna barýar



«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly möhüm taryhy wakalara baý bolup, täze bir döwrüň – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň başlanan ýyly hökmünde şöhratlandy. Ýurdumyz halkara maslahatlaryň, forumlaryň, sergileriň we beýleki möhüm ähmiýetli çäreleriň geçirilýän mekanyna öwrüldi. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda eziz Diýarymyzyň halkara abraýynyň barha ýokarlanýandygyndan habar berýär. ■ 3

## Ykdysady ösüşleriň ýoly bilen



«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan il-ýurt bähbitli işleriň netijesinde eziz Diýarymyz depginli ösýär. Ýurdumyzyň iň täze taryhyna altyn harplar bilen ýazylan ajaýyp üstünlikler halkymyzy guwandyrýar. Ata Watanymyzda raýat agzybirligi we jebisligi üpjün edilýär, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüş gazanylýar. Döwletimiziň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, halkymyzyň eşretli ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen beýik işler durmuşa ornaşdyrylýar, ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek babatda wajyp wezipeler öňde goýulýar. ■ 3

## Türkmen-ermeni gatnaşyklary pugtalandyrylýar



13-nji sentýabrda ýurdumyzyň käbir ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň, Ermenistanyň Türkmenistana gelen wekiliýetiniň agzalarynyň gatnaşmagynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-ermeni toparynyň dokuzynjy mejlisi geçirildi. Söwda-senagat edarasynda guralan mejlise gatnaşyjylar möhüm ugurlar boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmek üçin uly mümkinçilikleri özünde jemleýän döwletara gatnaşyklaryň özara ynanyşmaga esaslanýandygyny kanagatlanma bilen bellediler. ■ 2

# «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi

***13-nji sentýabrda Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde ilkinji gezek geçirilýän «Çalsana, bagşy!» döredijilik gözden geçirilişiniň jemleýji tapgyry boldy.***



Bu täze aýdym-saz bäsleşigi milli mirasymyzy öwrenmek, wagyz etmek maksady bilen, şeýle hem dutar ýasamak senetçiliginiň, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizilmegi mynasybetli şu ýylyň ýanwar aýynda esaslandyryldy. Dutaryň we onuň bilen baglylykda, aýdym-saz sungatynyň umumadamzat gymmatlygy diýlip ykrar edilmegi halkymyz üçin aýratyn ähmiýetlidir. Ol parahatçylygyň we dostlugyň nyşany bolan bu sungatyň mizemez ähmiýetini aňladýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna gatnaşyjylara iberen Gutlagynda: «Siziň juwan kalbyňyzdan joşup çykýan şirin aýdymlar, milli saz gurallarymyzda çalýan joşgunly sazlaryňyz bagtyýar ildeşlerimizi il-ýurt bähbitli belent maksatlara ruhlandyrmalydyr. Özboluşly owazlary, şirin mukamlary bilen dünýä ýüzünde uly meşhurlyga eýe bolan aýdym-saz sungatymyzy, milli bagşyçylyk ýollarymyzy kämilleşdirmek üçin döwletimiz tarapyndan geljekde-de uly işler alnyp barlar» diýlip bellenilýär.

Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bagşy-sazandalaryň arasyndaky bu döredijilik bäsleşigini ýokary derejede gurady. Bäsleşigiň şertlerine laýyklykda, oňa 18–35 ýaş aralygyndaky ýaşlar gatnaşyp bilýärler. Munuň özi ýurdumyzda ýaşlar syýasatyna möhüm ähmiýet berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Bäsleşigiň esasy ýörelgesi ýaş nesillerde milli medeniýetimize bolan söýgini kemala getirmekden we olaryň döredijilik ukybyny ýüze çykarmakdan hem-de höweslendirmekden ybaratdyr.

«Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna Aşgabat şäherinden we ýurdumyzyň welaýatlaryndan bagşylaryň 12-si hem-de şonça sazanda gatnaşdy. Şolaryň hatarynda gyzlaryň 4-siniň bardygyny bellemek gerek.

Hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň döredijiligine berýän üns-aladasyndan ruhlanyp, bäsleşige gatnaşyjylar sahnada özleriniň aýdym-sazlaryny aýratyn ussatlyk bilen ýerine ýetirdiler. Jemleýji tapgyra tomaşa etmäge gelenler ýurdumyzyň sebitleriniň saz sungaty boýunça özboluşly aýratynlyklaryndan lezzet aldylar.

Konsert maksatnamasynda halkymyzyň saz medeniýetini we onuň parahatçylyk söýüjilikli ýörelgelerini şöhratlandyrmaga gönükdirilen çykyşlara möhüm orun berildi.

Bäsleşige gatnaşyjylaryň hemmesiniň bilelikde ýerine ýetiren «Arkadagly Serdar bilen» atly täze aýdymy bu ýerde guralan baýramçylyk çykyşlarynyň jemlemesine öwrüldi. Bu aýdym «Çalsana, bagşy!» atly bäsleşigiň jemleýji tapgyryna bagyşlandy. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň abadançylygynyň, mähriban Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň we milli medeniýetimiziň kämilleşmeginiň bähbidine gönükdirilen giň möçberli özgertmeleriň senasydyr. ■ 2

## Täze döwrebap şäher emele gelýär



Soňky ýyllarda tutuş ýurdumyzda giň möçberli özgertmeler maksatnamasynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde şäherleriň we obalaryň keşbi has-da özgerdi. Şunda adamlaryň amatly ýaşaýşyny we göwnejaý dynç alşyny üpjün edýän şertleriň döredilmegine uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiz: «Biz Türkmenistan atly beýik döwletde, parahat we arassa asmanyň astynda, uzak hem-de bagtyýar durmuşda ýaşamalydyrys, abadan we gül ýaly durmuşymyza buýsanmalydyrys» diýip bellemek bilen, Diýarymyzyň ähli sebitiniň batly depginler bilen ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. ■ 3

### Baş Assambleýanyň 77-nji sessiýasy açyldy



13-nji sentýabrda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasy Nýu-Ýorkda açyldy. Bir ýyl dowam etjek täze sessiýada birnäçe halkara meseleler ara alnyp maslahatlaşylar. 4

### Güýz festiwallary



Daýhanlaryň zähmetiniň miwesini eçilýän güýz pasly dowam edýär. Bu pasyl özüniň tyllaýy öwüşgini, mylaýym howasy bilen bagtyýarlyk duýgularyny döredýär. Bu, megerem, güýz paslynyň ajaýyp tebigaty, hasyllaryň ýygnalyp, ekin meýdanlarynda işiň azalyşy, şeýle hem gyşa taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly bolsa gerek. 5

### «Altyn ýolbars» baýragy 2-nji gezek dokumental filme berildi



Iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňi tamamlandy. Bu festiwalda baş baýrak amerikaly zenan režissýor Lora Poýtrasyň dokumental filmine gowşuryldy. 6

### «Amerika Açyk» tennis ýaryşynyň täze ýeňijileri

Tennis boýunça möwsümiň 4-nji «Uly tuwulga» ýaryşy «Amerika Açykda» erkekleriň arasynda Karlos Alkaras, zenanlardan polşaly Iga Şwentek çempion boldy. Ýeňijilere aýratynlykda 2,6 million dollarlyk pul baýragy berildi.

US OPEN

7

# «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýeňijileri sylaglamak dabarasy jemleýji bäsleşigiň iň bir tolgundyryjy pursatlarynyň birine öwrüldi.

Çykyş edenler ýurdumyzda «Çalsana, bagşy!» atly täze bäsleşigiň yglan edilmeginiň we onuň dünýäde dutar ýasamak senetçiligini, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatyny giňden wagyz etmäge, halypa-şägirtlik däplerini berkitmäge, täze zehinleri ýüze çykarmaga, ýaşlaryň watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmegine gönükdirilmeginiň aýratyn ähmiýetlidigini nygtadylar.

Dabara gatnaşanlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda ýeňiji bolan bagşylaryň hem-de sazandalaryň 12-siniň atlary yglan edildi we olaryň her birine ýörite diplom hem-de altyn zynjyr gowşuryldy. Şeýle hem «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryna gatnaşanlaryň hemmesine hormatly Prezidentimiziň adyndan ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

Bäsleşige gatnaşanlar hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Onda ýaşlara goldaw bermek, milli medeniýetimizi ösdürmek meselelerini ugur edinýän döwlet syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirýän Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden çuňňur hoşallyk sözleri beýan edilýär.

**BÄSLEŞIGIŇ ÝEŇIJILERI YGLAN EDILDI**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli mirasymyzy öwrenmek, wagyz etmek, dutarda ýerine ýetirijilik hem-de bagşyçylyk sungatyny geljekki nesillere ýetirmek, dünýä ýaýmak, şeýle hem zehinli bagşy-sazandalary ýüze çykarmak we höweslendirmek, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllyk baýramy mynasybetli «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäk-



lerinde geçirilen «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginde üstünlikli çykyş edip, özleriniň ýerine ýetirijiligi bilen aýratyn tapawutlanan dutarçy bagşy-sazandalary sylaglamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, ýurdumyzyň şu raýatlary «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň ýeňijileri diýlip yglan edildi we her bir ýeňiji Türkmenistanyň Prezidentiniň altyn zynjyry bilen sylaglanyldy:

«Türkmengaz» döwlet konserniniň «Işçi iýmiti üpjünçiligi we hyzmatlar» müdirliginiň Medeni-işewürlik merkeziniň «Galkynyş» folklor toparynyň 1-nji derejeli artisti Owazgeldi Pälwanow;

Magtymguly adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň Türkmen sazy kafedrasynyň mugallymy Murad Dowletowiç Aşirow;

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Jemagat-hojalyk kärhanasynyň «Laçyn» tans-saz folklor toparynyň 1-nji derejeli artist-wokalisti Öwezgeldi Orazgeldiýewiç Amanow;

Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň mugallymy Döwlet Annageldiýewiç Daňatarow;

Balkan welaýat ýörite sungat mekdebiniň mugallymy Hojaguly Öwezgylyjowiç Hojagulyýew;

Balkan welaýat ýörite sungat mekdebiniň mugallymy Amangeldi Döwletgeldi ogly Durdyýew;

Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyby Täzegül Jumanýaz gyzy Atajanowa;

Daşoguzyň Magtymguly Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebiniň mugallymy Mekan Jumaýewiç Jumageldiýew;

Lebap welaýatynyň Halaç etrap medeniýet bölüminiň çeper höwesjeňi Haýytmyrat Jumageldiýewiç Illiýew;

Lebap welaýat ýörite sungat mekdebiniň mugallymy Gurban Çaryýewiç Çaryýew;

Mary welaýat medeniýet müdirliginiň Oguzhan etrabynyň çagalar sungat mekdebiniň mugallymy Omor Garmämmedowiç Şiriýew;

Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyby Ogulnabat Annamämmedowna Berdiýewa.

# Dünýä çempionatyndan ýokary girdejä garaşýar

Ýene-de birnäçe aýdan futbol janköýerleriniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan sport baýramçylygy – futbol boýunça Dünýä çempionaty başlanar. Şeýle uly ýaryş ilkinji gezek Ýakyn Gündogarda geçirilýär.



Kataryň bu çempionat boýunça guramaçylyk komitetiniň ýolbaşçysy Nasser Al-Hateriň belläp geçişi ýaly, Katar bu çempionatyň infrastrukturasy üçin 200 milliard dollar sarp etdi. Ýurduň ýolbaşçylary duşuşyklara tomaşa etmäge 1,5 million janköýeriň gelmegine hem-de çempionatyň ýurduň ykdysadyýetine 20 milliard dollar goşant goşmagyna garaşýandyklaryny mälim etdi.

2018-nji ýyldaky Dünýä çempionaty FIFA 5,4 milliard dollar girdeji gazandyrdy. Bu görkeziji 2014-nji ýyldaky çempionatdakydan 16 göterim köpdür.

**Şähribossan ALLABERDIÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# 2030-njy ýylda 6G ulgamyna geçer

Häzirki wagtda dünýäniň ençeme ýurdunda internet ulgamynyň has çaltlandyrylan görnüşi bolan 5G ulgamyny ýola goýmak üçin degişli işler alnyp barylýar. Eýýäm käbir ýurtlarda 6G ulgamy üçin degişli infrastruktura döredilýär. Şeýle ýurtlaryň biri hem Ispaniýadyr.



Ýurduň hökümeti 2030-njy ýylda 6G ulgamyna geçmek üçin dürli ylmy-barlag taslamalaryna 116 million ýewro gönükdirmegi meýilleşdirýär. Madrid şäheri 2030-njy ýylda 6G ulgamly internetden peýdalanyp başlar.

6G ulgamynyň kabelsiz geçirijilik ukybynyň has ýokary bolmagyna garaşylýar. Häzirki wagtda bu ugurdaky işleri ýygjamlaşdyran Koreýa Respublikasy 2028-nji ýylda 6G ulgamyna geçmegi maksat edinýär. Ýewropada Germaniýa bilen Fransiýa hem bu ugurdaky ylmy-barlag taslamalaryny maliýeleşdirýär.

**Gaýyp AGAJUMAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Syýahatçylyk pudagyny ösdürýär

Türkiýe Respublikasynyň medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoý ýurduň hökümetiniň syýahatçylyk pudagyndan gelýän girdejileri 35 milliard dollara ýetirmegi maksat edinýändigini belledi. Türkiýede dynç alýanlaryň sanyny bolsa, 42 milliona ýetirmek göz öňünde tutulýar.



Dünýäde emele gelen ýagdaýlaryň täsiriniň bolandygyny bellän Ersoý muňa garamazdan, Antalýa sebitinde syýahatçylaryň artýandygyny aýtdy.

Geçen ýyl 9 million syýahatçy kabul eden Antalýa sebiti üstümizdäki ýylda bu görkezijini 12-13 milliona ýetirer. Şeýle hem, syýahatçylyk möwsümi oktýabr aýynda tamamlanman, noýabra çenli uzaldyldy.

**Mekan ANNABERDIÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Hindistanda zawod gurar

Taiwanyň elektron enjamlaryny öndürýän «Foxconn Technology Group» kompaniýasy Hindistanda çip öndürmegi meýilleşdirýär. Bu babatda Hindistanyň reňkli metal öndürýän «Vedanta Ltd» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak göz öňünde tutulýar.



Täze zawod ýurduň günbataryndaky Gujarat ştatynda gurlar. Hindi kompaniýasynyň beren beýanatyna görä, 100 müň iş ornunyň döredilmegi göz öňünde tutulýan bu taslamanyň umumy maýa goýumy 20 milliard dollara barabar bolar.

«Foxconn» kompaniýasy kompýuterleri, smartfonlary we elektron enjamlaryň onlarça görnüşini öndürýär. Indi bolsa kompaniýa ýarymgeçirijileri öndürmek işine hem üns berer. Munuň üçin kompaniýa 120 million dollar maýa goýar. Taslamanyň 60 göterimi «Foxconn»-yň paýyna düşer. Geljek 2 ýylyň dowamynda çip önümçiligini ýola goýmak maksat edinilýär.

**Ýyldyzhan ÇARYGELDIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Türkmen-ermeni gatnaşyklary pugtalandyrylýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Däp bolan dostlukly türkmen-ermeni gatnaşyklaryny ösdürmek üçin şu ýyllaryň dowamynda ýola goýlan ýokary derejedäki gepleşikler ygtybarly binýady döredýär. Şol gepleşikleriň çäklerinde ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn we köptarap-



laýyn esasda, şol sanda iri halkara guramalaryň, sebit düzümleriniň çäklerinde hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlary kesgitlenilýär. Taraplar ozal geçirilen mejlisleriň jemleri boýunça gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişiniň barşyny, şeýle hem syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmen tarapynyň çykyşlarynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýaýbaňlandyrylan durmuş-ykdysady ösüş babatda döwlet maksatnamalarynyň many-mazmuny, dünýäniň ykdysady ulgamyna işjeň goşulyşýan Türkmenistanyň ýeten belent sepgitleri hem-de üstünlikleri beýan edildi.

Söwda-ykdysady we ýangyç-energetika ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň geljekki mümkinçiliklerine aýratyn üns çekildi. Şunda häzirki zaman şertlerinde bu ugurlardaky gatnaşyklaryň ösdürilmegine ählumumy ösüşiň we abadançylygyň aýrylmaz şerti hökmünde garalýar. Şeýle-de, oba hojalygy, gurluşyk we binagärlik, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagynyň möhümdigi nygtaldy.

Ynsanperwer ulgamyň türkmen-ermeni gatnaşyklarynyň üýtgewsiz ugry bolup durýandygy tassyklanyldy.

Mejlise gatnaşyjylar ikitaraplaýyn duşuşyklaryň hem-de gepleşikleriň yzygiderli geçirilmeginiň zerurdygyna ünsi çekip, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-ermeni toparynyň şu gezekki mejlisiniň barşynda gazanylan ylalaşyklaryň iki dostlukly ýurduň we halkyň bähbidine ösdürilýän, däp bolan gatnaşyklara täze itergi berjekdigine ynam bildirdiler.

Mejlisiň jemleri boýunça degişli Teswirnama gol çekildi.

# Daşoguzda pagta ýygymy başlandy

14-nji sentýabrda Daşoguz welaýatynyň ekerançylary pagta ýygymyna başlady. Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 2-nji sentýabrynda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynyň pagta ýygymy möwsümine ykjam taýýarlyk görmek, ony guramaçylykly



alyp barmak barada aýdyp, Daşoguz welaýatynda pagta ýygymyna 14-nji sentýabrda girişmäge ak pata berdi.

Pagta ýygymyna başlanmagy mynasybetli welaýat häkimliginiň mejlisler zalynda iş maslahaty geçirildi. Maslahatda ýygym möwsümini guramaçylykly geçirmek boýunça wezipeler, ähli degişli gulluklaryň takyk işlemegi we sazlaşykly hereketi ara alnyp maslahatlaşylan esasy meseleler boldy.

Pagta ýygymy möwsümine badalga berilmegine bagyşlanylan çäreler welaýat Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde, Türkmen oba hojalyk institutynda, Köneürgenjiň pagta arassalaýjy we egriji kärhanalarynda hem bolup geçdi. Toý dabaralarynyň yzy S.A.Nyýazow adyndaky etrabyň S.Rozmetow adyndaky oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň ekin meýdanynda dowam etdi.

Hormatly ýaşulular Watanymyzyň gülläp ösmegini, döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan işlerinde rowaçlyk hem-de ähli türkmen halkynyň abadançylygyny Beýik Biribardan dileg edip, pagta ýygymyna başlamaga ak pata berdiler.

Soňra baýdaklar bilen bezelen, üsti doly «ak altynly» awtoulaglar hem-de tirkegli traktorlar Köneürgenç etrabyndaky pagtany gaýtadan işleýän kärhana tarap ugradylar. Oba hojalyk tehnikalarynyň we sebitiň obasenagat toplumy tarapyndan öndürilýän önümleriň sergisi guraldy. Welaýatyň döredijilik toparlary ajaýyp konsert maksatnamasy bilen çykyş etdiler.

Welaýatda ýetişdirilen bol hasyly ýygmaga taýýarlyk görüldi. Pagtany daşamaga 1600-den gowrak ulag çekildi. Şeýle hem ýokary öndürijilikli «John Deere» kysymly kombaýnlaryň 200-den gowragy we Özbegistanda öndürilen traktorlara dakylýan MX-1,8 kysymly pagta ýygyjy maşynlaryň ençemesi işledilýär.

**Mähri AKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Müsür piramidalarynyň syry açyldy

Müsüriň piramidalarynyň nähili gurlandygy barada häzire çenli dürli pikirler orta atyldy. Köp wagtdan bäri her biriniň agramy 15 tonna golaý bolan kerpiçleriň nireden getirilendigi öwrenilýärdi. Täze geçirilen barlaglaryň birinde äpet daşlaryň Nil derýasynyň uzak ýyllar öň gurap giden şahasy arkaly getirilendigi anyklandy. Alymlar Uly Giza piramidasynyň golaýyndan Hufu kanalynyň yzlaryny tapdylar. Bu kanal Miladydan ozalky 600-nji ýyllarda gurapdyr. Piramidalary gurmak üçin 2,3 million töweregi äpet daş bölekleri 800 kilometr uzakdan kanal arkaly bu ýere getirilipdir. Bu açyş taryhy maglumatlara hem gabat gelýär. Dört müň ýyl ozalky



papirusyň ýüzüne çekilen suratda derýada Gyzyl deňizden gelýän daşly gämiler şekillendirilýär. Hytaý, fransuz we müsürli alymlar piramidalaryň töweregindäki daş gatlaklaryny öwrenip, kanalyň akan döwrüni ýüze çykardylar. Netijede, kanalyň irki wagtda Giza baryp ýetjek derejede uly bolandygy anyklandy. Alymlar Niliň bu şahasy bolmadyk bolsa, piramidalary gurmagyň mümkin bolmajakdygyny belleýärler.

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Uly Giza piramidasy miladydan ozalky 2550-2490-njy ýyllarda gurlupdyr. Alymlar ýüzlerçe ýylyň dowamynda piramidalaryň dürli sebäplere görä kiçelendigini, ilki gurlan wagty häzirkiden has uly bolandygyny aýdýarlar. Öňki ýyllarda geçirilen barlaglarda käbir piramidalaryň ýykylandygy we gumuň aşagynda galandygy anyklanypdy. Daşlaryň suw arkaly getirilendigi ozal hem bilinýärdi, emma kanalyň ugry belli däldi. «Proceedings of the National Academy of Sciences» žurnalynda bu açyş barada makala çap edildi.

**Mergen KULMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.*

# Elektrik energiýasy bilen işleýän motosiklleriň sany köpeler

Dünýäde motosikl bazarynyň ösjekdigine ynam bildirýän «Honda» kompaniýasy müşderileriniň ösýän isleglerini nazarda tutup, täze modellerini taýýar edýär. Ýapon brendi 2025-nji ýyla çenli global derejede elektrik energiýasy bilen işleýän 10-dan köp motosikli satuwa çykarmagy meýilleşdirýär. Kompaniýa şeýle ulaglaryň ýyllyk satuwyny geljek bäş ýylyň dowamynda



1 milliona, 2030-njy ýyla çenli 3,5 milliona ýetirmegi maksat edinýär. Bu görkeziji kompaniýanyň umumy motosikl satuwynyň 15 göterimini emele getirer. Kompaniýa 2050-nji ýyla çenli ähli önümlerinde we önümçilik prosesinde «nol kömürturşy gazy» derejesine ýetmegi meýilleşdirýär. Bu maksada ýetmek üçin bolsa motosikl, welosiped ýaly iki tigirli ulaglarynyň tüsseçykarsyz görnüşlerini köpelder. Kompaniýa 2024–2025-nji ýyllar aralygynda Aziýa, Ýewropa we ýapon bazary üçin «Commuter EV» modelini satuwa çykarar. Häzirki wagtda dünýäde her ýylda 50 million töweregi elektrik energiýasy bilen işleýän motosikl satylýar.

Motosikl satuwyny artdyrmak we zarýad beket ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen «Honda» şu ýylyň aprelinde «Kawasaki», «Suzuki» we «Yamaha» kompaniýalary bilen bilelikde «Gachaco» atly täze kompaniýa döretdi. Bilelikdäki kompaniýa batareýalaryň birmeňzeş ülňüsiniň taýýarlanmagyny we infrastrukturanyň ýaýbaňlandyrylmagyny maksat edinýär. Şeýlelikde, motosikl öndüriji ýapon kompaniýalarynyň 4-si bu ugurdaky hyzmatdaşlygyny artdyrar.

**Hiwali HÜMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ozon gatlagyny goramagyň güni

Her ýylyň 16-njy sentýabrynda bellenilýän Ozon gatlagyny goramagyň Halkara güni BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1994-nji ýylda kabul edilen ýörite kararnamasy esasynda kesgitlendi. Halkara



gününiň senesi, Ozon gatlagyny ýukaldýan maddalar boýunça Monreal teswirnamasyna gol çekilen güni – 16-njy sentýabry ýatlamak üçin saýlanyp alyndy.

Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletler Monreal teswirnamasynyň maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda belli çäreleri öňe sürmek üçin bu halkara gününi geçirmegi maksat edindi. Milletler Bileleşigine girýän döwletler tarapyndan biragyzdan kabul edilip, her ýylyň 16-njy sentýabry Ozon gatlagyny goramagyň Halkara güni hökmünde giňden bellenilýär.

Häzirki wagtda halkara bilermenler Monreal teswirnamasynyň howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirini peseltmäge saldamly goşant goşandygyny belleýärler. Şu resminamanyň çäklerinde dünýä ýurtlary ozony dargadyjy maddalary ulanmagy tapgyrlaýyn bes edýärler.

**Merdan SEÝITLIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Arassa energiýanyň bahasy arzanlaýar

Oksford uniwersitetiniň bilermenleriniň geçiren barlagynyň netijesinde, arassa energiýa çeşmeleriniň artdyrylmagy bilen dünýäde 2050-nji ýyla çenli 12 trillion dollar girdeji gazanyp boljakdygy ýüze çykaryldy. Bu barlagda alternatiw energiýa çeşmesine birbada geçmegiň çak edilişi ýaly gymmat däl-de, ykdysady taýdan amatly boljakdygy bellenilýär. Professor Doýn Farmer alnan maglumatlaryň «ýaşyl» energiýa bada-bat geçilmelidigini görkezýändigini, sebäbi munuň girdeji gazandyrjakdygyny belleýär.



Ylmy barlagda soňky 100 ýyldaky maglumatlar seljerildi. Bu döwrüň dowamynda gazylyp alynýan ýangyç çeşmeleriniň bahasynyň hümmetsizlenmegi we bazaryň ýagdaýy göz öňünde tutulanda, o diýen üýtgemändigi anyklanypdyr. Arassa energiýa çeşmeleri entek täze peýda bolup başlandygy üçin oňa degişli maglumatlar köp däl. Emma gysga wagtyň dowamynda tehnologiýanyň ösmegi netijesinde Gün we ýel energiýasyny almagyň özüne düşýän bahasynyň her ýylda ortaça 10 göterim arzanlandygy anyklandy. Barlag toparynyň ýolbaşçysy doktor Rupert Weý ýaşyl tehnologiýalara näçe çalt maýa goýum goýulsa, özüne düşýän bahasynyň hem arzanlajakdygyny aýdýar.

**Näzik HUDAÝBERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Çip önümçiligi artýar

Dünýäde ýokary tehnologiýaly çipleriň öndürilýän ýerleriniň biri bolan Taiwan bu pudakdan ýokary girdejä garaşýar. Elektron enjamlaryň ählisinde diýen ýaly ulanylýan ýarymgeçirijiler 2022-nji ýylda Taiwana 157,3 milliard dollar girdeji getirer. CNA agentliginiň habaryna görä, SEMI halkara çip senagaty kompaniýasynyň Taiwandaky şahamçasynyň ýolbaşçysy Terri Sao şu ýyl bu pudakdaky maýa goýumlarynyň 42,1 göterim artyp, 48,03 milliard dollara ýetjekdigini belledi.



Taýbeý şäherinde çip senagatyna bagyşlanan halkara sergi (SEMICON) geçirildi. Bu ýerde çykyş eden Sao global çip senagatyndaky pul dolanyşygynyň 2022-nji ýylyň ahyryna çenli 12 göterim artyp, 625 milliard dollara ýetmegine garaşylýandygyny aýtdy. Ýarymgeçirijiler kompýuter, smartfon, uçar, elektroulag ýaly ýüzlerçe görnüşli enjamda ulanylýar. Ýer ýüzünde mikroçipleriň üçden ikisinden gowragy Taiwandaky zawodlarda öndürilýär. Taiwanyň TSMC kompaniýasy dünýädäki ýarymgeçirijiniň 56 göterimini öndürýär.

**Döwletgeldi ALLANAZAROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Akulalaryň immun ulgamy öwrenilýär

400 million ýyllyk özgerişlikler akulalaryň immun ulgamyny kämilleşdirdi we olaryň dürli kesellere garşy göreşijilik ukybyny has-da ýokarlandyrdy. Bu hem akulalaryň uzak wagtlap ýaşamagyna mümkinçilik döretdi. Akulalar dürli şikesleri çalt özleşdirmek ukybyna eýedirler.

Şotlandiýanyň Aberdin uniwersitetiniň alymlary akulalaryň immun ulgamyny öwrenýärler.



Ol hem geljekde dürli keselleriň öňüni almaga mümkinçilik döretjek täze dermanlaryň döredilmegine mümkinçilik berer. Akulalaryň bedeninden bölüp çykarýan beloklary öwrenilip, olaryň esasynda adamlaryň dürli kesellere garşy göreşijilik ukybyny güýçlendirýän derman serişdelerini taýýarlamak göz öňünde tutulýar. Bu ugurda geçirilen ilkinji synaglaryň gowy netijeler berendigi bellenildi.

**Kakageldi BAGYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Aý şekilli bina gurlar

Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde Aýyň şekiline meňzeş äpet bina gurlar. Täsin bina dünýäniň iri syýahatçylyk we täjirçilik merkezleriniň biri bolan şäheriň ýene bir gelim-gidimli künjekleriniň birine öwrüler. Täze taslamanyň gurluşygy üçin 5 milliard dollar sarp ediler. Bu taslama Kanadanyň «Moon World Resorts» binagärçilik kompaniýasy tarapyndan taýýarlandy.



Binanyň beýikliginiň 224 metr bolmagyna garaşylýar, şeýle hem ýanaşyk ýerlerinde 40 müň inedördül meýdanda özboluşly taslamalaryň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Täsin bina her ýyl 2,5 million myhmany kabul eder. Taslama durmuşa geçirilende diňe ýokary tehnologiýalaryň we täzeçil inženerçilik çözgütleriniň peýdalanyljakdygy bellenilýär.

Aý şekilli binada dürli kosmos agentlikleriniň wekillikleri açylar we binanyň içinde geljekki kosmonawtlary taýýarlamak üçin ýörite türgenleşik merkezi hereket eder. Taslamanyň 4 ýylda gurlup gutarylmagyna garaşylýar.

**Ogulhan ILMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## BILDIRIŞ

Aşgabat şäheriniň Ata Gowşudow adyndaky 125-nji orta mekdebi tarapyndan Amanmyradow Berdimyrat Hydyrowiçiň adyna berlen, A № 1438288 belgili Orta bilim hakynda şahadatnamanyň ýitirilendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 16-sy, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110146
Belgisi: 37/1499
Tiražy: 6747
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Çarlz Beýik Britaniýanyň Patyşasy boldy

8-nji sentýabrda Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Şa zenany Ýelizaweta II Şotlandiýanyň Balmoral galasynda 97 ýaşynyň içinde aradan çykdy. 1926-njy ýylyň 21-nji aprelinde dünýä inen Ýelizaweta 1952-nji ýylyň 6-njy fewralynda kakasynyň ýerine tagta geçdi. Ýelizaweta II ýurduň taryhynda iň köp tagtda oturan monarh bolup, hökümdarlygynyň 70 ýyllygyny bellän ilkinji zenandyr. Şa zenan aradan çykandan soňra, onuň uly ogly, Karl III adyna eýe bolan Uelsiň şazadasy Çarlz, Birleşen Patyşalygyň täze monarhy boldy. Çarlzyň aýaly Kamilla bolsa, Patyşanyň aýaly-konsort adyna eýe boldy.

Ýelizaweta II aradan çykandan soň bir günüň içinde Tagt mirasçylygy boýunça ýörite geňeş ýygnanyp, onuň agzalary täze hökümdaryň britan tagtyna çykandygyny yglan etdi. Geňeşiň düzümine Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri, ministrlikleriň ýolbaşçylary, Patyşa maşgalasynyň agzalary, Londonyň häkimi, ýokary komissarlar girýär.

Çarlz 10-njy sentýabrda Londonyň Sankt-Jeýms köşgünde geçirilen dabarada Tagt mirasçylygy geňeşi tarapyndan resmi taýdan Patyşa diýlip yglan edildi. Täç geýdirmek dabarasy bolsa, birnäçe aýdan soň geçiriler. Häzir 73 ýaşly Çarlz 1969-njy ýylda tagtyň resmi mirasdüşeri bolup, Uelsiň şazadasy boldy. 1952-nji ýylda Georg VI aradan çykyp, ejesi tagta çykandan soň, Çarlz üç ýaşyndaka britan tagtynyň mirasdüşeri bolupdy.

Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Liz Trass täze britan monarhynyň Karl III adyna eýe bolandygyny habar berdi. Şeýle hem Karl III Awstraliýa, Antigua we Barbuda, Bagam adalary, Beliz, Grenada, Kanada, Täze Zelandiýa, Papua-Täze Gwineýa, Sent-Winsent we Grenadinler, Sent-Kits we Newis, Sent-Lýusiýa, Solomon adalary, Tuwalu we Ýamaýka ýaly ýurtlaryň hem Patyşasy bolar.

9-njy sentýabrda Karl III Beýik Britaniýanyň Patyşasy hökmünde ilkinji gezek halka ýüzlendi. Patyşa telewideniýe arkaly eden çykyşynda uzak ýyllaryň dowamynda ylham çeşmesi hem-de tutuş Şa maşgalasy üçin görelde mekdebi bolup gelen ejesi – Ýelizaweta II hoşallyk sözlerini aýtdy. Karl III Konstitusiýa



ýörelgelerini goldajakdygyny, ejesi ýaly öz ýurduna we halkyna yhlas bilen hyzmat etjekdigini aýtdy.

Patyşa täze jogapkärçilikleriň durmuşyny özgertjekdigini belläp, aýaly Kamillanyň goldawyna bil baglaýandygyny aýtdy. Şeýle hem Karl III uly ogly Wilýamy Uelsiň şazadasy we mirasdüşeri, gelni Keýt Midltony şazadanyň aýaly diýip yglan etdi. Bu atlar ozal özüne hem-de merhum aýaly Diana degişlidi. Şeýle hem Korol ogly Garrä hem-de gelni Megan Markla bolan mähirli söýgüsini beýan etdi. Britan Şa zenany Ýelizaweta II jaýlanyş çäresi 19-njy sentýabrda geçiriler.

# Baş Assambleýanyň 77-nji sessiýasy açyldy

13-nji sentýabrda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasy Nýu-Ýorkda açyldy. Bir ýyl dowam etjek täze sessiýada howanyň üýtgemegi, koronawirusa we beýleki ýokançlyklara garşy göreş, durnukly ösüş meseleleri, ösýän ýurtlaryň bergisi, häzirki zaman çökgünlikleri ýaly halkara meseleler ara alnyp maslahatlaşylar. Esasy çäre ýokary derejeli hepde bolup, oňa dürli ýurtlardan döwlet Baştutanlary, hökümet we daşary işler ministrleri gatnaşar. Şeýle-de, onlarça ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ýygnaklar geçirilip, şol döwürde delegatlar ähli möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşyp bilerler.



Sessiýa BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterreşiň çykyşy bilen açyldy. Guterreşiň aýdyşy ýaly, howanyň üýtgemegine garşy göreş, pandemiýa ýaly meseleler ýakyn aýlarda halkara ulgamy üçin aýratyn synag bolar. Onuň sözlerine görä, BMG-niň Baş Assambleýasy dünýä jemgyýetçiliginiň hereketlerinde esasy orny eýeleýär. Sessiýa wengriýaly diplomat Çaba Köröşi ýolbaşçylyk edýär.

Antoniu Guterreşiň Baş Assambleýanyň 76-njy mejlisiniň ýapylyşynda belleýşi ýaly, täze sessiýa halkara ulgamyny synagdan geçirmäge mümkinçilik döreder. Ýokary derejeli hepdeden soň komitetiň işi başlar. Diplomatlar ýadro ýaraglarynyň ýaýradylmazlygy, ýaragsyzlanmak, täze wehimler we howplar, kiberhowpsuzlyk, adam hukuklary, howa we dünýä guramasyny maliýeleşdirmek meselelerine serederler.

Häzirki wagtda diplomatlar gün tertibini tassyklamaly, ýygnaklaryň tertibini düzmeli, wekiliýetleriň ygtyýarlyklaryny paýlamaly we iş komitetlerini döretmeli. Dürli ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň, hökümetleriniň we daşary işler ministrleriniň gatnaşýan ýokary derejeli hepdesi 20-26-njy sentýabr aralygynda geçiriler.

1946-njy ýylda 51 döwlet Baş Assambleýanyň agzasydy, häzirki wagtda bolsa 193 sanydyr. Kyrkynjy ýyllaryň ahyrynda onuň gün tertibi esasan dekolonizasiýa meselelerine bagyşlandy. 76 ýylda Baş Assambleýa ara alnyp maslahatlaşylýan meseleleriň gerimini ep-esli giňeltdi we häzirki wagtda sosial we ykdysady ösüş meselelerine, terrorçylyga, korrupsiýa, neşe söwdasyna we AIW/AIDS-e garşy göreş, aýal-gyzlary, bosgunlary we migrantlary, maýyplary, ýerli halklary we çagalary goramak, demokratiýanyň esasy ýörelgelerini wagyz etmek, howanyň üýtgemegine garşy göreş bilen meşgullanýar.

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

► **Ýaşlar býurosy dörediler.** BMG-niň Baş Assambleýasy BMG-niň Ýaşlar býurosyny döretmek barada karar kabul etdi. Bu gurluş, BMG-niň çäklerinde ýaşlaryň parahatçylyk, howpsuzlyk, durnukly ösüş we adam hukuklary meselelerini çözmäge gönükdirilen işlerini we maglumat goldawyny dolandyrar.



► **21 million dollarlyk göwher.** Hünärmenler Dubaýda görkezilen uly gülgün göwhere «Gülgün babyr» diýip at berdiler. 11,15 karatlyk göwheriň bahasy 21 million dollar töweregi bolup, ol Tanzaniýadaky magdanlaryň birinden tapylypdyr. Auksion oktýabr aýynda meýilleşdirilýär.



► **Amur gaplaňlarynyň sany artýar.** Soňky 12 ýylda dünýäde gaplaňlaryň sany 40 göterim artyp, Russiýada bu gaplaňlaryň sany 750-ä ýetdi. Bu barada golaýda Wladiwostokda geçirilen Gündogar ykdysady forumynyň çäginde mälim edildi.



► **Pensiýa ýaşynda iň gowy ýurtlar.** «GoBankingRates»-iň barlaglarynda Kanada pensiýa çykanlar üçin dünýäde iň amatly ýurt hökmünde görkezildi. Şeýle-de, Kanada saglygy goraýyş ulgamynda aýratyn orun eýeleýär. Bu sanawyň üstüni Islandiýa, Täze Zelandiýa, Irlandiýa, Daniýa, Awstriýa, Portugaliýa, Singapur, Ýaponiýa we Şwesiýa doldurýar.



► **«Xiaomi»-niň täze noutbugy.** «Xiaomi» Hytaýda «Redmi G Pro 2022 Intel Edition» atly täze noutbugy bilen tanyşdyrdy we onuň üçin deslapky sargytlary kabul etmäge başlady. Täze noutbuk «Xiaomi»-niň iň kuwwatly mobil kompýuteridigi bilen tapawutlanýar. Enjamyň satuwy Hytaýda 17-nji sentýabrdan başlanar.



► **Satuwy artýar.** Dünýäde elektrik ulaglarynyň satuwy iýul aýynda 61% ýokarlanyp, 778 müňe deň boldy. 2022-nji ýylyň iýul aýynda 778 092 täze elektroulag hasaba alyndy we bu bir ýyl ozalkydan 61% köpdür. Indi elektroulag satuwy bazaryň 14%-ini eýeleýär, «arassa» elektromobilleriň paýyna bolsa, 10% düşýär.



► **Arktiki kölleriň suwy çekilýär.** Arktikanyň tebigaty ählumumy maýlamadan ejir çekýär. Golaýda geçirilen barlaglar bu sebitiň planetanyň beýleki böleklerinden dört esse çalt gyzýandygyny görkezdi. Maýlama sebäpli, esasan hem, sebitiň kölleriniň suwy çalt çekilýär diýlip, «Nature Climate Change» habar berýär.



► **Ösüş Bankynyň ýardamy.** Aziýa Ösüş Banky Aral deňziniň basseýninde suw ätiýaçlyklaryny dolandyrmak taslamasyny durmuşa geçirmek üçin ABŞ-nyň 150 million dollar karzyny we 3 million dollar granty tassyklady. Bu barada halkara maliýe guramasynyň Daşkentdäki wekilhanasy tarapyndan habar berildi.



► **15 million dollar maýa goýdy.** Amerikan awiakompaniýasy «United Airlines Holdings Inc.» uçýan taksileri öndüriji «Eve Air Mobility» kompaniýasyna 15 million dollar maýa goýdy. Şertnamanyň çäklerinde «United» we «Eve Air Mobility» uçýan taksiler babatda täze taslamalary durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşlyk eder.



# Samarkantda ŞHG-niň sammiti geçirilýär

Düýn – 15-nji sentýabrda Özbegistanyň Samarkant şäherinde Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammiti öz işine başlady. Bu sammit 2019-njy ýyldan bäri ilkinji gezek birnäçe ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda ýüzbe-ýüz ýagdaýda geçirilýär. ŞHG-niň sammitine Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewden başga-da Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin, Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Pakistanyň Premýer-ministri Şahbaz Şerif, Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Japarow, Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmon gatnaşýar. Sammitiň dowamynda taraplar ŞHG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de güýçlendirmek üçin ileri tutulýan meseleleri ara alyp maslahatlaşýarlar hem-de halkara we sebit meseleleri barada pikir alyşýarlar.

Sammitiň dowamynda ŞHG-ä agza ýurtlaryň ýolbaşçylary töwekgelçiliklere we kynçylyklara garşy göreşmek, howpsuzlygy, durnuklylygy we ösüşi ilerletmek üçin täze pikirleri we çäreleri ara alyp maslahatlaşýarlar. Maslahatyň dowamynda ykdysady we söwda gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, ulag we aragatnaşyk gatnaşyklaryny giňeltmäge aýratyn üns berýärler. Sammitde Özbegistanyň ŞHG-ä başlyklyk eden döwründe guramanyň halkara abraýyny güýçlendirip, sanly üýtgeşmeleri we «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürendigi bellenildi.

Sammite synçy döwletleriň Baştutanlary hökmünde, Belarusuň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko, Eýranyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisi, Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh gatnaşýar. ŞHG-niň sammitine Türkiýäniň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan, Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow myhman hökmünde gatnaşýar.



ŞHG 2001-nji ýylda döredilen halkara gurama bolup, Hindistan, Gazagystan, Hytaý, Gyrgyzystan, Russiýa, Täjigistan, Pakistan we Özbegistan onuň agzalarydyr. Synçy ýurtlar – Owganystan, Belarus, Eýran we Mongoliýa, hyzmatdaş ýurtlar – Azerbaýjan, Ermenistan, Kamboja, Nepal, Türkiýe we Şri-Lanka. Sammitde Eýranyň ŞHG-äniň doly agzasy bolmagyna ýol açýan ylalaşyga gol çekildi. Şeýle-de, Belarusuň gurama doly agza bolmak baradaky arzasynyň kabul edilmegine garaşylýar.

# Parlament saýlawlary geçirildi

Şwesiýada geçirilen parlament saýlawlarynyň netijelerine görä, konserwatiwler onçakly köp bolmadyk tapawut bilen ýeňiş gazandylar. Şwesiýanyň Premýer-ministri sosial-demokrat Magdalena Andersson parlament saýlawlarynda öňe saýlanyp bilmändigini boýun alyp, işinden çekilýändigini mälim etdi.

– Saýlawlarda dört sagçy partiýa 49% ses alyp, olaryň bary-ýogy biri-iki orun artykmaçlygy bar. Bu ujypsyz köplük bolsa-da, men hökümet başlyklygyndan çekilmegi makul bildim – diýip, Magdalena Andersson belledi.

Magdalena Anderssonyň Sosial-demokratik işçi partiýasy sesleriň 30%-inden gowragyna eýe boldy. Ýöne onuň ýolbaşçylygyndaky merkezi çepçi bileleşik sagçy konserwatiwlere üç ornuny berdi. Indi täze ýerine ýetiriji häkimiýeti döretmek üçin birnäçe hepde dowam edýän gepleşikler geçiriler.



Ýurtda 11-nji sentýabrda geçirilen parlament saýlawlarynda sesleriň 100%-i sanalandan soň, sagçy liberal bileleşigi (Aram bileleşik partiýasy, «liberallar» partiýasy, Hristian-demokratik partiýasy, «Şwed demokratlary») dolandyryjy «gyzyl-ýaşyl» bileleşigiň partiýalaryndan (Şwesiýanyň Sosialistik-demokratik işçiler partiýasy, Çepçi partiýa, Daşky gurşaw partiýasy, Merkezi partiýasy) onçakly köp bolmadyk ses bilen öňe saýlandylar. Maglumatlara görä, sagçy partiýalar 49,5%, dolandyryjy çepçi partiýalar bolsa 48,8% ses aldy. Bu sanlara görä, 349 orunlyk mejlisde sagçy partiýalar 176, çepçi partiýalar bolsa, 173 orun aldy.

# NEBITIŇ BAHASYNY ARZANLADAR

Saud Arabystanynyň «Saudi Aramco» kompaniýasy oktýabr aýynda ABŞ-dan beýleki ähli sebitlere eksport edýän nebitiniň bahasyny arzanlatmakçy. Bu barada «Bloomberg» habar berýär. Şeýlelikde, Aziýa eksport edilýän esasy arzan ýangyç bolan «Arab Light» görnüşiniň bir barreliniň bahasy 3,95 amerikan dollaryna çenli arzanladylar. Nebitiň beýleki görnüşleriniň bir barreliniň bahasy 3-4,5 dollara deň bolar. Demirgazyk-Günbatar Ýewropanyň we Ortaýer deňzi sebitleriniň müşderileri üçin saud nebitiniň ähli görnüşleriniň bir barreliniň nyrhy 2 dollara çenli arzanladylar. Şunuň bilen birlikde, ABŞ-a eksport edilýän ýangyjyň bahasy bir barrel üçin 0,5 dollar derejede gymmatlar, diňe «Arab Light» görnüşiniň bir barreliniň nyrhy 6,15 dollarlygyna galar.



Saud Arabystanynyň milli nebit kompaniýasynyň wekilleri «Saudi Aramco»-nyň nebitiniň ýene-de uzak ýyllaryň dowamynda dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanyljakdygyny belleýärler. Patyşalyk «Görüş – 2030» strategiýasynyň üstünde işläp, öz ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmagy maksat edinýär. Şu maksat bilen häzirki wagtda ýurduň nebiti üçin täze söwda ýollary açylýar.



# Afrika liderleriniň çagyryşy

BMG-niň noýabr aýynda howanyň üýtgemegi boýunça Müsürde geçiriljek COP27 maslahatynyň öňüsyrasynda Afrika ýurtlarynyň 24-siniň Liderleri dünýäniň ösen ýurtlaryny Afrika yklymynyň howanyň üýtgemegine, uýgunlaşmagyna ýardam bermek maksady bilen maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirmäge çagyrdy.

COP27-ä taýýarlyk görmek üçin Müsüriň täze administratiw paýtagtynda geçirilen üç günlük maslahatda 24 Afrika ýurtlarynyň ýolbaşçylary öz çykyşlarynda:

– Dünýäniň ösen ýurtlaryny howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreş boýunça alnyp barylýan işleri maliýeleşdirmek baradaky borçnamalaryny ýerine ýetirmäge, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek üçin maliýeleşdirmegi iki esse artdyrmaga çagyrýarys – diýip bellediler.

Afrikanyň liderleri, pes uglerod yzlaryny göz öňünde tutup, howanyň üýtgemeginiň yklyma ýetirýän deň bolmadyk täsirine ünsi çekdiler. Sebäbi, Afrika howa goýberilýän zyýanly gazlaryň diňe 4 göterimden hem az bölegini emele getirýär. Üstesine-de Kongo basseýnindäki tokaýlar Amazon bilen bilelikde, Ýer togalagynyň esasy «öýkeni» hasaplanýar.

Şu ýylyň noýabrynda, Müsüriň Şarm eş-Şeýh şäherinde BMG-niň howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreş boýunça COP27 maslahaty geçiriler. Müsür Afrikanyň adyndan COP27 maslahatyny guraýar. COP27 maslahatynda Afrika Liderleriniň täsiriniň artmagy, Afrikanyň ekologik taýdan dikeldilmeginde has köp halkara goldawyna eýe bolmagy maksat edinilýär. Şeýle hem bu çärede ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak maksady bilen käbir ýurtlary maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar.

# IŇ ULY SYN EDIŞ ÇARHY AÇYLDY

Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin Moskwanyň «Zarýadýe» seýilgähinden göni aragatnaşyk arkaly wideoşekilli iş maslahatynda Ýewropada iň uly syn ediş çarhy we dünýäniň iň beýik çarhlarynyň biri bolan «Moskwanyň Güni» atly syn ediş çarhyny açdy.

Häzirki güne çenli Ýewropada iň uly syn ediş çarhynyň beýikligi 135 metr bolan «Londonyň gözi» (London Eye) çarhydy. Moskwadaky çarhyň beýikligi bolsa 140 metre barabar. Täze desgada biri 15 orunlyk 30 sany ýapyk kabina bolup, olaryň bäşisiniň aşagy dury pol bilen üpjün edildi. Bu bolsa, myhmanlar üçin has tolgundyryjy bolup, ähli ýeri synlamaga mümkinçilik berýär. Kabinalarda wideo gözegçilik ulgamy, operator bilen aragatnaşyk düwmesi we beýleki zerur enjamlar bar.

Myhmanlar şäheriň panoramasyny synlamaga alyp gidýän menzile üsti ýapyk eskalator arkaly baryp bilýärler. Beýik çarha ýolagçylary mündürip düşürmek işleri desganyň aýry-aýry böleginde ýerine ýetirilýär. 18 minut 40 sekunt dowam edýän bir aýlawda syn ediş çarhyna 450 töweregi adam münüp bilýär. Bu attraksiona her ýyl 2,5 million myhmanyň gelmegine garaşylýar.

Bu desga 1967-1974-nji ýyllar aralygynda dünýäniň iň beýik binasy bolan «Ostankino» diňiniň golaýynda ýerleşýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ 1908-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda Wilýam Dýurant tarapyndan «General Motors» kompaniýasy esaslandyrylýar. Eýýäm 1910-njy ýylyň başynda «Olds» kysymly 12 müň 500 sany awtoulag satylýar. Şeýlelikde, esasy ulag hökmünde paýtunlaryň ulanylmagy kem-kemden aradan aýrylýar.



# Söwda dolanyşygy ýokarlanýar

Hytaýyň Baş gümrük gullugy tarapyndan ýaýradylan maglumatlara görä, 2022-nji ýylyň ilkinji sekiz aýynda Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 31,4% ýokarlanyp, 117,205 milliard dollar boldy. Hasabat döwründe Hytaý Russiýa 44,256 milliard dollarlyk haryt eksport etdi, bu görkeziji 2021-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 8,5 göterim ýokarydyr. Russiýa Federasiýasyndan Hytaýa eksport 50,7 göterim ýokarlanyp, 72,949 milliard dollara deň boldy.

Aýry-aýrylykda, awgust aýynda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygynyň derejesi 19,21 milliard dollar bolup, Russiýadan Hytaýa 11,21 milliard dollarlyk haryt, Hytaýdan Russiýa Federasiýasyna 7,99 milliard dollarlyk haryt ugradyldy. 2021-nji ýylyň ahyrynda Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky söwda 35,8% ýokarlanyp, rekord derejede 146,887 milliard dollar boldy.

Russiýanyň we Hytaýyň liderleri iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygyny iki esse artdyryp, 2024-nji ýyla çenli ýylda 100 milliarddan 200 milliard dollara çenli artdyrmagy maksat edinýärler. Iki ýurduň arasynda 100 milliard dollarlyk söwda dolanyşygy 2018-nji ýylda gazanylypdy. Iki ýurduň liderleriniň arasynda 4-nji fewralda Pekinde geçirilen gepleşiklerden soň HHR-iň Başlygy Si Szinpin Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygyny ýylda 250 milliard dollara çenli artdyrmak baradaky täze maksady öňe sürdi.



# Güýz festiwallary



Daýhanlaryň zähmetiniň miwesini eçilýän güýz pasly dowam edýär. Bu pasyl özüniň tyllaýy öwüşgini, mylaýym howasy bilen bagtyýarlyk duýgularyny döredýär. Bu, megerem, güýz paslynyň ajaýyp tebigaty, hasyllaryň ýygnalyp, ekin meýdanlarynda işiň azalyşy, şeýle hem gyşa taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly bolsa gerek. Güýz paslynda irki döwürlerden bäri birnäçe baýramçylyklar bellenilip gelinýär. Bu baýramçylyklarda adamlar birnäçe aýlap çeken zähmetlerinden soň, dynç alypdyrlar. Häzirki wagtda hem dünýäniň dürli künjeginde güýzki güýmenjeler geçirilýär. Gazetimiziň şu sanynda sizi birnäçe ýurtda bellenilip geçilýän gyzykly güýzki festiwallar bilen tanyşdyrmagy makul bildik.

## «Albukerke» şar festiwaly



Çagalar üçin iň gyzykly güýmenjeleriň biri hem «Albukerke» şar festiwalydyr. Bu festiwal her ýyl oktýabr aýynyň ilkinji ongünlüginde Meksikanyň paýtagty Mehikoda bellenilip geçilýär. Bu festiwala gatnaşmak üçin ýerli ýaşaýjylar bilen bir hatarda dünýäniň dürli künjeginden myhmanlar hem gelýär. Festiwalyň dowamynda müňlerçe howa şary «Balloon Fiesta» seýilgähinden ýokary göterilip, asmanyň ýüzüni owadan we täsirli görnüş gurşap alýar. Hemme kişi bu täsirli pursatlara seredip lezzet alýar.

## Halkara feýerwerk festiwaly



Gün ýaşandan soň başlanýan Halkara feýerwerk festiwaly özüniň sazlaşykly öwüşginleri bilen hemmäniň ünsüni özüne çekýär. Bu festiwal 2000-nji ýyldan bäri Koreýa Respublikasynyň paýtagt şäheri Seulda her ýylda 8-9-njy oktýabrda geçirilip gelinýär. Festiwalyň esasy meýdançasy bolan «Yeouido» seýilgähinde Italiýanyň, Ýaponiýanyň hem-de Koreýa Respublikasynyň pirotehniki toparlary öz başarnyklaryny görkezýärler. Bu festiwala ýylda, takmynan, 1 million adam gatnaşýar.

## Ýagtylyk festiwaly



2005-nji ýyldan bäri Germaniýanyň paýtagty Berlin şäherinde bellenip gelinýän ýagtylyk festiwaly dünýäniň meşhur festiwallarynyň biridir. Her ýylyň oktýabr aýynda iki hepdäniň dowamynda Berliniň 70-e golaý taryhy we medeni ýadygärlikleri dürli ýşykly enjamlar bilen bezelýär. Millionlarça şöhle töwerege ýalkym saçyp, meýdançalarda «jadyly pursatlary» döredýär. Festiwal möwsüminde şäheriň gijeki görnüşi döredijilik adamlarynyň ylham çeşmesine öwrülýär. Bu ýyl festiwalyň 7-16-njy oktýabr aralygynda geçirilmegine garaşylýar.

## «La Merce» festiwaly



Ispaniýanyň Barselona şäherinde 1902-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän «La Merce» festiwaly katalonlaryň milli baýramydyr. «Tomus bilen hoşlaşmagyň we güýzi garşy almagyň» alamaty hökmünde 5 gün bellenilýän bu festiwalyň şu ýyl 23-26-njy sentýabr aralygynda geçirilmegi meýilleşdirilýär. Festiwalyň dowamynda gijeki ýörişler, köçelerde milli tanslar we agşamyna korrefokly (uçganaklaýan kiçi feýerwerk) şüweleňler guralýar. «La Merce» festiwalynyň iň esasy wakalarynyň biri Barselonanyň «Plaça de Sant Jaume» merkezi meýdançasynda geçirilýär. Meýdança birnäçe adam toplanyp, olar adam diňini (kasteller) ýasaýarlar we çür depesine kiçijik çagajygy çykarýarlar. Mundan başga-da, çagalaryň iň söýgüli tomaşasy bolan «äpet adamlaryň ýörişi» geçirilýär. «La Merce» üýtgeşik wakalara baý festiwaldyr.

## Şokolad festiwaly



Süýjülikleri halaýanlar üçin iň gowy baýramçylyklaryň biri hem Italiýanyň Turin şäherinde geçirilýän şokolad festiwalydyr. 2004-nji ýyldan bäri noýabr aýynda geçirilip gelinýän bu festiwalda Italiýadan we beýleki ýurtlardan gelen 120-den gowrak şokolad öndürijiler öz önümlerini köpçülige hödürleýärler. Olaryň arasynda şokoladyň «gianduja», «gianduiotto», «bicerin», «nutella», «nocciolato fondente», «latte» we «odilla» ýaly birnäçe görnüşleri bar. Şokoladly tagamlardan dadyp görmek, konsertlere tomaşa etmek we baýrakly şokolad oýunlary festiwalyň esasy wakalarydyr. 1820-nji ýyla çenli şokolad diňe gyzgyn içimlik görnüşinde ulanylypdyr. Az wagtdan soň, Turinde ilkinji gaty şokolad öndürilýär we dünýäniň beýleki ýurtlaryna ýaýrap başlaýar. Turin köp görnüşli «şokoladlaryň şäheri» hasaplanýar.

## «Loý Krathong» festiwaly



Tailandda her ýyl bellenilmegi däp bolan «Loý Krathong» festiwaly şu ýyl noýabr aýynyň 9-yna bolup geçer. Bu festiwal ýerli Taý aý senenamasynyň 12-nji aýynyň soňky agşamy Phuket şäherindäki Sapan Hin, Karon, Nai Harn kölleriniň töwereginde hem-de Rawai Pýer adasynyň kenarynda bellenilýär. Bu gije hemmeler geljek ýylyň gowy bolmagy we günälerden saplanmak üçin arzuw edýärler. Banan agajynyň ýapraklaryndan ýasalan sebetleri güller bilen bezäp, şem ýakyp suwa goýberýärler. Mundan başga-da, çyrasy ýalkym saçýan kiçijik howa şarlaryny asmana uçurýarlar. «Uçýan çyralar» asmany ýagtyldyp, owadan görnüşli ýşyklandyryşy emele getirýär. Şol gün çagalar üçin dürli oýunlar we ýarmarkalar hem guralýar. Bu festiwal diňe bir Tailandda bellenilmän, eýsem, töweregindäki ýurtlarda-da meşhurdyr.

# Dünýäniň iň uly ýük ulaglary



**Senagatda peýdalanmak maksady bilen dürli magdanlar gazylyp alynýar. Bu magdanlar, esasan, energiýa we çig mal hökmünde peýdalanmak maksady bilen zawoddyr fabriklere iberilýär. Munuň üçin bolsa aşa kuwwatly ýük ulaglaryna zerurlyk duýulýar. Sizi dag-magdan ulgamynda peýdalanylýan dünýäniň iň uly ýük ulaglary bilen tanyşdyrýarys.**

**«Belaz 75710».** 2013-nji ýylda Belarusuň BELAZ-HOLDING kompaniýasy tarapyndan öndürilen «Belaz 75710» magdan känlerini daşamak üçin niýetlenen dünýädäki iň uly ýük ulagydyr. Agramy 360 tonna, uzynlygy 20,6 metre, beýikligi 8,16 metre we ini 9,87 metre ýetýän äpet ýük ulagynyň 8 sany uly tekeri bolup, 496 tonna ýüki göterip bilýär. Ulagyň tekerlerini «Michelin» fransuz kompaniýasy öndürýär. «Belaz 75710»-a iki sany 16 silindrli turbo görnüşli dizel hereketlendirijisi oturdylyp, 100 kilometrde 1300 litr ýangyç sarp edýär. Onuň her hereketlendirijisiniň kuwwaty 2300 at güýjüne barabar bolup, sagatdaky tizligi 64 kilometre deň.





**«Caterpillar 797F».** «Caterpillar» amerikan kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülen «Caterpillar 797F» ululygy boýunça dünýäde ikinji orunda durýan dag-magdan ulagydyr. Agramy 307 tonna, uzynlygy 14,8 metre, beýikligi 6,52 metre we ini 9,75 metre deň bolup, 6 sany tekeri bilen 380 tonna çenli ýük göterip bilýär. Ýük ulagyna «Cat C175-20» dört basgançakly 20 silindrli turbo görnüşli dizel hereketlendirijisi ornaşdyrylyp, umumy kuwwaty 4000 at güýjüne barabar. 1998-nji ýyldan bäri dag-magdan känlerinde işledilýän «Caterpillar 797F»-niň ýokary tizligi sagatda 68 kilometre deň.

**«Liebherr T 282C/T 284».** Nemes-şweýsar kompaniýasy «Liebherr» tarapyndan işlenip düzülen «Liebherr T 282C/T 284» ýük ulagy «IGBT AC» elektrik hereketlendirijisi bilen tapawutlanýar. «Liebherr»-iň T 282C we T 284 modelleri tehniki babatda biri-birine meňzeşdir. Agramy 301 tonna, uzynlygy 15,69 metre, beýikligi 7,42 metre we ini 9,679 metre barabar bolan bu ýük ulagynyň umumy kuwwaty 3,750 at güýjüne deň. 20 silindrli dizel hereketlendirijisi bolan bu ýük ulagynyň iň ýokary tizligi sagatda 64 kilometre ýetýär. Onuň ýük göterijiligi 360 tonna barabar.





**«Terex/Bucyrus MT6300AC».** 2010-njy ýylda «Terex» kompaniýasynyň dag-magdan tehnikalaryny öndürýän bölümi «Bucyrus»-a satylýar. Kompaniýanyň öndüren «MT6300AC» ýük ulagy sowuk howada işlemäge çydamlylygy bilen tapawutlanýar. 360 tonna ýük göterijiligi bolan «MT6300AC»-niň 20 silindrli elektrik energiýasy bilen işleýän ikinji motory hem bar. Dizel hereketlendirijili ulagyň sagatdaky tizligi 64 kilometre ýetýär. «MT6300AC»-niň agramy 300 tonna, beýikligi 7,92 metr, uzynlygy 14,63 metr bolup, umumy kuwwaty 3,750 at güýjüne deň.

**«Komatsu 980E-4».** Ýapon-amerikan bilelikdäki korporasiýasy tarapyndan 2016-njy ýyldan bäri öndürilýän «Komatsu 980E-4»-iň ýük göterijiligi 400 tonna barabardyr. Ýük ulagynyň agramy 225 tonna, beýikligi 7,09 metr we ini 10,01 metr bolup, «SSDA18V170» hereketlendirijisi 18 sany V görnüşli silindr bilen işleýär. Elektrik hereketlendiriji ulgamy hem bolan «Komatsu 980E-4» sagatda 61 kilometr tizlik bilen hereket edýär. Dizel motorly ýük ulagynyň umumy kuwwaty 3500 at güýjüne deň.



# ÇAGALAR

Dört asyryň dowamynda kämilleşip, biziň şu günlerimize gelip ýeten galstuk häzirki zaman jemgyýetinde «medeniýetiň nyşany» hasaplanýar. Häzirki wagtda millionlarça adam galstugyň dürli görnüşlerini iş, ýaşaýyş we medeni şertlerine görä dakynýarlar.

## Süýtçiniň arzuwy

(erteki)



**Gadym zamanlarda bir süýtçi bar eken. Ol ýekeje sygryny sagyp, gün-güzeranyny dolapdyr. Süýtçi her gün sagan süýdüni bir küýzä guýup, gündelik gatnaýan ýoly bilen bazara äkidip satar eken. Süýtçi günlerde bir gün süýtli küýzesini depesinde goýup, bazara barýan wagty ham-hyýala gark bolýar. Ol süýdi satandan soň edinip biljek zatlarynyň ählisi barada öz ýanyndan pikir edip başlaýar: «Men şol pula howlymda idetmek üçin 100 sany jüýje satyn alaryn. Olar doly ulalansoň bolsa bazarda ep-esli bahadan sataryn».**

**Onuň arzuw-islegleri bazara golaýladygyça has-da möwjäp ugraýar: «Soňra men ol pula iki sany owlak alyp, mazalyja serederin. Olar ulalansoň, geçileri has gymmat bahadan sataryn».**

**Ol arzuw kölünde ýüzmegini dowam etdirip, öz-özüne: «Ondan soňra ýene-de bir sygyr satyn alaryn. Onsoň satýan süýdümiň mukdary has-da artar. Şeýlelikde, meniň kän pulum bolar...».**

**Ol bagtyýarlykdan ýaňa ýere-göge sygman böküp ugraýar. Birdenem büdräp, honda ýykylyp düşýär. Ýere gaçan küýze kül-uşak bolýar. Süýt bolsa dökülip, ýere siňip gidýär. Süýji arzuwlaryndan göwni geçen süýtçi aglamaga başlaýar...**

**Durmuşda kiçijik zada hem kanagat etmek, şükürli bolmak gerek. Arzuw etmek gowy zat, ýöne arzuwam çeninden geçende nebise öwrülip başlaýar. Ata-babalarymyzyň aýdyşy ýaly: «Kanagata – bereket».**

## Ruçka hakynda gyzykly maglumatlar



- Ruçka iň köp satyn alynýan esbaplaryň biri bolup, bir ruçka bilen 45 müň töweregi söz ýazyp bolýar. Köplenç täze ruçka alýan adamlar ilki bilen öz adyny ýazyp görýärler.
- Dünýädäki iň kiçi ruçka «Nanofountain Probe»-dir. Alymlar ony mikroshema önümçiliginde ulanýarlar. Bu ruçkada ýazylýan setirleriň ini bary-ýogy 40 nanometrdir.
- Dünýädäki iň uly ruçka 2011-nji ýylda hindistanly Açarýa Makunuri Sriniwas tarapyndan döredildi. Ruçkanyň uzynlygy 5,5 metr, agramy 37 kilogram. Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen bu ruçka gurat ýazýandygy we owadan görnüşi bilen tapawutlanýar.
- Biziň eýýamymyzdan öňki 700-nji ýyldan başlap, takmynan, 1700-nji ýyllara çenli içi syýaly ýelekleri hat ýazmak üçin ulanypdyrlar.
- Häzirki zaman ruçkalaryň ujunda bürünçden ýa-da polatdan ýasalan şarjagaz bar. Ol syýany deň guýýar we syýanyň çyrşalyp gatap galmagyna ýol bermeýär.
- Dünýädäki iň gymmat ruçkalar Italiýanyň «Tibaldi» kompaniýasy tarapyndan öndürilýär. Ýiti uçly bu ruçkalar ýakut we gara göwher daşlary bilen bezelýär.
- 1949-njy ýylda fransuz öndürijisi Marsel Biç ähli kişä elýeterli bolan ilkinji ruçkany ýasaýar we oňa BIK diýip at berýär. Adaty BIK ruçkasy bilen, takmynan, 2 kilometr uzynlykda çyzyk çyzyp bolýar.
- 1968-nji ýylda Pol Fişer «Apollon» missiýasy üçin kosmos ruçkasyny oýlap tapýar. Nol agyrlyk güýjünde, suwuň aşagynda we 120 dereje gyzgynlykda hem ýazyp bilýän bu adaty däl ruçkada kartrij syýa ulanylýar.
- Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýylda 2 milliarddan gowrak ruçka öndürilýär.



## KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**Galstuk.** Ilkinji galstugy horwatiýalylaryň oýlap tapandygy, fransuzlaryň bolsa ony kämilleşdirip, şu günki görnüşe getirendigi barada maglumatlarda bellenilýär. Galstugyň oýlanyp tapylyşy XVII asyrdan gözbaş alýar. Fransuzlaryň harby egineşigini geýen horwat esgeri boýnuna mata bölegini daňýar. Muny gören fransuzlar ýakada mata bölegini daňmagyň harby lybasa gelşik berjekdigini bilýärler. Netijede, ilkinji galstuk harby lybaslaryň bir bölegi hökmünde ýüze çykýar. Ony fransuzlar «La Cravate» diýip atlandyrýarlar.

Wagtyň geçmegi bilen Ýewropada «La Cravate» uly ösüşe eýe bolýar. 1800-nji ýyllarda şarf görnüşli galstuklar meşhur bolup, ony derejeli adamlar nepisligiň we baýlygyň alamaty hökmünde dakynypdyrlar. 1818-nji ýylda «Neckclothitania» atly kitapça neşir edilip, onda galstuk dakynmagyň düzgünleri we daňmagyň ýörgünli usullary görkezilýär. Senagatda birnäçe ösüşleriň gazanylmagy netijesinde zygyr matadan, ýüň we ýüpek matalardan galstugyň täzeçe görnüşleri öndürilip başlanýar. Bu döwürde askotlar (Angliýada at ýaryşlarynda çapyksuwarlaryň dakynýan boýunbagy) uly meşhurlyga eýe bolýar. Soňlugy bilen alymlar, lukmanlar we baý mülkdarlar hem askot dakynyp başlaýarlar.

1920-nji ýyllarda Nýu-Ýorkda öndüriji Jesi Langford matanyň bir tarapyny burçly kesip, uzynlygyna üçe epläp tikmek usulyny oýlap tapýar. Şeýdip ol «galstuk ýasamagyň» täzeçe usulyna patent alýar. Onuň bu usuly senagat üçin öwrülişik bolup, şu günki güne çenli ulanylyp gelinýär. Oňa «Langford Necktie» diýip at berýärler.

1950-nji ýyllarda galstugyň insiz görnüşleri has ýörgünli bolup, dürli hili nagyşlar bilen bezelip başlanýar. Ony, esasan, aýdymçylar, sazandalar dakynýarlar. 1960-njy ýyllarda bolsa ýaşlaryň arasynda kipper galstugy dakynmak ýörgünli bolýar. Esasan, goňur görnüşi bolan bu galstuk gysgalygy we giňligi bilen tanalýar.



Dört asyryň dowamynda kämilleşip, biziň şu günlerimize gelip ýeten galstuk häzirki zaman jemgyýetinde «medeniýetiň nyşany» hasaplanýar. Häzirki wagtda millionlarça adam galstugyň dürli görnüşlerini iş, ýaşaýyş we medeni şertlerine görä dakynýarlar. Ol adamy salyhatly we medeniýetli görkezýär. Häzirki wagtda galstugyň dakynmagy has aňsat bolan syrmaly, rezinli we gysgyçly görnüşleri bar.

## Geliň, galstuk daňmagy öwreneliň!

Çagalykda köplenç bize kynçylyk döredýän, köp wagtymyzy alýan we keýpimizi gaçyrýan zatlaryň biri hem galstuk daňmakdyr. Göräýmäge çylşyrymly ýaly bolup görünse-de, galstuk daňmak kyn däl. Geliň, galstuk daňmagyň iň aňsat usulyny öwreneliň!

Ilki bilen galstugymyzyň düwünlerini çözeliň we epinlerini düzedeliň. Soňra suratdaky yzygiderliligi ýerine ýetireliň. Surata syn edýän bolsaňyz, galstugyň inçelýän (aşak) tarapyny gysgarak edip, uzyn tarapyny inçelýän ýeriniň üstünden aşaklygyna 2 gezek aýlamaly (1-2-3-nji surat). 2-nji aýlawdan soň galstugyň ujuny ýokarlygyna çykaryp, aýlawly halkadan aşaklygyna geçirmeli. Emele gelen düwni çekip berkitmeli (4-nji surat). Görýän bolsaňyz göze gelşikli şekil emele geldi (5-nji surat). Eger-de siz birinji gezekde muny başarmasaňyz, dykgatly bolup birnäçe gezek gaýtadan ýerine ýetirip görüň!






### Labirint



### Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 3 | 4 | | | |
| | | | | 2 | 4 |
| | 5 | 3 | | | |
| 4 | | | 1 | | 5 |
| 6 | | 1 | 2 | | |
| | | | | 4 | 1 |

### Binox

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | O | | |
| O | | O | O | | |
| O | | | | | |
| | | | | O | O |
| | | | | O | |
| | O | | | | |



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.



Lora Poýtras · Keýt Blanşett · Martin MakDonah

# «Altyn ýolbars» baýragy 2-nji gezek dokumental filme berildi

Dünýäniň iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňi tamamlandy. 79-njy gezek geçirilen festiwalda baş baýrak amerikaly zenan režissýor Lora Poýtrasyň «Ähli gözellikler we gan döküşikler» atly dokumental filmine gowşuryldy. Ady agzalan bu ekran eseri Wenesiýa film festiwalynda «Altyn ýolbars» baýragyny gazanan 2-nji dokumental kino hökmünde taryha girdi. Amerikaly fotosuratçy zenan Nan Goldingiň durmuşy barada söhbet açýan bu kinodan öň 2013-nji ýylda Janfranko Rosiniň «Sacro GRA» atly dokumental filmi «Altyn ýolbars» baýragyna mynasyp bolupdy.

Festiwalyň iň uly 2-nji baýragy bolan Eminleriň «Gran Pri» baýragyna fransiýaly zenan režissýor Alis Diopyň «Sent-Omer» atly filmi laýyk görüldi. Italiýaly meşhur režissýor Luka Guadanýino «Süňkler we hemmesi» atly filmi üçin «Kümüş ýolbars» iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandy. Eminleriň ýörite baýragy bolsa «Aýylar ýok» filmi üçin eýranly belli režissýor Jafar Panahä berildi. Irlandiýaly režissýor Martin MakDonahyň ssenarisini ýazyp, surata düşüren «Inişeriniň perisi» atly gara-komediýa görnüşli filminiň edebi esasy iň gowy ssenariý diýlip saýlandy. Bu filmde baş keşpleriň birini janlandyran Kolin Farrell iň gowy aktýor baýragyna mynasyp boldy. Iň gowy aktrisa baýragyna berilýän «Volpi» kubogy oskarly Keýt Blanşette gowşuryldy. Ussat aktrisa «Tar» filmindäki keşbi üçin bu baýraga laýyk görüldi. Marçello Mastroianni adyndaky iň ýaş artist baýragyna «Süňkler we hemmesi» filminiň aktrisasy Teýlor Rassell mynasyp boldy.

### 79-njy Wenesiýa film festiwalynyň ýeňijileri:

**«Altyn ýolbars» baýragy:** «Ähli gözellikler we gan döküşikler» (All the Beauty and the Bloodshed) — Lora Poýtras

**Eminleriň «Gran Pri» baýragy:** «Sent-Omer» (Saint Omer) — Alis Diop

**Iň gowy režissýor baýragy:** Luka Guadanýino — «Süňkler we hemmesi» (Bones and All)

**Eminleriň ýörite baýragy:** «Aýylar ýok» (Khers Nist) — Jafar Panahi

**Iň gowy ssenariý:** «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin) — Martin MakDonah

**Iň gowy aktýor «Volpi» kubogy:** Kolin Farrell — «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)

**Iň gowy aktrisa «Volpi» kubogy:** Keýt Blanşett — «Tar» (Tar)

**Marçello Mastroianni adyndaky iň ýaş artist baýragy:** Teýlor Rassell — «Süňkler we hemmesi» (Bones and All)

# «Emmi» baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi

Telewideniýe dünýäsiniň iň abraýly baýraklaryndan bolan «Emmi» baýraklarynyň bu ýylky ýeňijileri mälim edildi. Los Anjelesdäki «Microsoft» teatrynda geçirilen 74-nji «Emmi Praýmtaým» baýraklarynyň gowşurylyş dabarasyny aktýor Kenan Tompson alyp bardy. Dabarada HBO-nyň ekran eserleri 37 heýkeljik gazandy. «Ak lotus» serialy 5, «Ted Lasso» 4, «Mirasdüşerler» 3 «Emmi» baýragyna laýyk görüldi. Şowhunly geçen çärede iň gowy drama serialy diýlip «Mirasdüşerler» saýlandy. Bu serial 2020-nji ýylda-da bu ugurda «Emmi» baýragyna laýyk görlüpdi. «Apple TV Plus»-yň önümi bolan «Ted Lasso» serialy bassyr 2-nji gezek iň gowy komediýa serialy ugry boýunça ýeňiji diýlip yglan edildi. «Ak lotus» serialy-da iň gowy gysga göwrümli serial baýragyna mynasyp boldy.

Drama seriallarynyň iň gowy aktýory diýlip, koreýleriň meşhur serialy «Kalmar oýny» ekran eseriniň ýyldyzy Li Jon Je, iň gowy aktrisasy diýlip hem edil geçen ýyldaky ýaly «Eýforiýa» serialynyň artisti Zendeýa saýlandy. 26 ýaşyndaky Zendeýa bu baýragy 2 gezek alan iň ýaş aktrisa boldy. Ussat aktýor Maýkl Kiton «Ýoklaýyş» serialyndaky keşbi üçin gysga göwrümli seriallaryň ýa-da telefilmleriň iň gowy aktýory baýragy bilen sylaglandy. «Ted Lasso» serialynda baş keşbi janlandyrýan Jeýson Sudeikis bu ýyl hem komediýa seriallarynyň iň gowy aktýory diýlip saýlandy. «Hilegärler» serialyndaky keşbi üçin Jin Smarta komediýa seriallarynyň iň gowy aktrisasy baýragy gowşuryldy.

Drama seriallary boýunça ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa baýraklary degişlilikde, Mettýuw Makfaýdene («Mirasdüşerler») hem-de Julia Garnere («Ozark») berildi. Komediýa seriallarynyň ikinji plandaky iň gowy aktýory we aktrisasy diýlibem Brett Goldstein («Ted Lasso») bilen Şerill Li Ralf («Ebbot başlangyç mekdebi») saýlandy.



Zendeýa · Li Jon Je · Jeýson Sudeikis · Julia Garner

### 74-nji «Emmi» baýraklarynyň ýeňijileri:

**Iň gowy drama serialy:** «Mirasdüşerler» (Succession)

**Iň gowy komediýa serialy:** «Ted Lasso» (Ted Lasso)

**Iň gowy gysga göwrümli serial:** «Ak lotus» (The White Lotus)

**Iň gowy aktýor (drama):** Li Jon Je — «Kalmar oýny» (Squid Game)

**Iň gowy aktrisa (drama):** Zendeýa — «Eýforiýa» (Euphoria)

**Iň gowy aktýor (komediýa):** Jeýson Sudeikis — «Ted Lasso» (Ted Lasso)

**Iň gowy aktrisa (komediýa):** Jin Smart — «Hilegärler» (Hacks)

**Iň gowy aktýor (gysga göwrümli seriallar, telefilmler):** Maýkl Kiton — «Ýoklaýyş» (Dopesick)

**Iň gowy aktrisa (gysga göwrümli seriallar, telefilmler):** Amanda Saýfred — «Çykyp gitmek» (The Dropout)

**Ikinji plandaky iň gowy aktýor (drama):** Mettýuw Makfaýden — «Mirasdüşerler» (Succession)

**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa (drama):** Julia Garner — «Ozark» (Ozark)

**Ikinji plandaky iň gowy aktýor (komediýa):** Brett Goldstein — «Ted Lasso» (Ted Lasso)

**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa (komediýa):** Şerill Li Ralf — «Ebbot başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary)

**Ikinji plandaky iň gowy aktýor (gysga göwrümli seriallar, telefilmler):** Mýurreý Bartlett — «Ak lotus» (The White Lotus)

**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa (gysga göwrümli seriallar, telefilmler):** Jennifer Kulij — «Ak lotus» (The White Lotus)

**Iň gowy režissýor (drama):** Hwan Don Hýok — «Kalmar oýny» (Squid Game)

**Iň gowy režissýor (komediýa):** MJ Delani — «Ted Lasso» (Ted Lasso)

**Iň gowy režissýor (gysga göwrümli seriallar ýa-da telefilmler):** Maýk Waýt — «Ak lotus» (The White Lotus)

**Iň gowy ssenariý (komediýa):** Kinta Brunson — «Ebbot başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary)

**Iň gowy ssenariý (drama):** Jessi Armstrong — «Mirasdüşerler» (Succession)

**Iň gowy ssenariý (gysga göwrümli seriallar ýa-da telefilmler):** Maýk Waýt — «Ak lotus» (The White Lotus)



# Özboluşly filmleriň režissýorydy

Kino sungatynyň ägirdi, görnükli wekili, fransiýaly rowaýaty režissýor, ssenariçi Žan-Luk Godar 92 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Ussat režissýor 1950–1960-njy ýyllarda kino sungatynda Fransuz täze akymyň (French Nouvelle Vague) başyny başlan, ony esaslandyran şahsyýet hasaplanýardy. 1930-njy ýylyň 3-nji dekabrynda Parižde dünýä inen Žan-Luk Godar Şweýsariýanyň Nýon şäherinde kemala gelýär. 1950-nji ýylda kino sungatyna aralaşýar. Ilki-ilkiler şol wagtky «Cahiers du Cinéma» atly meşhur žurnalda makalalar, filmler barada teswirler ýazyp başlaýar. Irki ýyllarda gysga metražly filmleri ekranlaşdyran režissýoryň ilkinji filmi «Soňky demde» (À bout de souffle) diýlip atlandyrylýar. 1960-njy ýylda surata düşüren bu filminde Žan-Pol Belmando, Jin Siberg baş keşpleri janlandyrýar. Godaryň bu filmi onuň özboluşly režissýor boljakdygyny buşlaýar. Ol filmlerini adaty bolmadyk usulda ekranlaşdyrýar. Başgaça aýdylanda, ol ozaldan dowam edip gelýän adaty kinolara meňzemeýän ekran eserlerini surata düşürýär. Onuň saýlap alan bu ýoly soňlugy bilen, kino sungatynda uly orun eýeleýär. Kinotankytçy Andre Bazen, meşhur režissýorlar Fransua Truffa, Klod Şabrol, Žak Riwet, Erik Romer ýaly kino sungatynyň ägirtleri bilen ýakyn dostluk saklaýar. 70-den gowrak ululy-kiçili filme režissýorlyk eden Žan-Luk Godaryň «Kiçi esger» (Le Petit Soldat, 1960), «Zenan bar, zenan» (Une femme est une femme, 1961), «Öz durmuşyňy ýaşa» (Vivre sa vie, 1962), «Karabinerler» (Les Carabiniers, 1963), «Ýigrenç» (Le Mepris, 1963), «Kesekiler topary» (Bande a part, 1964), «Tentek Piero» (Pierrot le Fou, 1965), «Alfawill» (Alphaville, 1967), «Hepde soňy» (Week end, 1967), «Bir goşmak bir» (One plus one, 1968) ýaly filmleri ýatlanmaga mynasypdyr. Ol režissýorlyk karýerasynyň ahyrlarynda «Sosializm» (Film Socialisme, 2010), «Hoş gal, dil» (Adieu au Langage, 2014) ýaly täze tehnologiýanyň talaplaryna laýyk gelýän kinolary hem surata düşürýär.

Filmlerinde Anna Karina, Brijit Bardo, Anna Wýazemski, Žan-Pol Belmando ýaly döwrüň ussatlary bilen işleşen Godar 1965-nji ýylda «Alfawill» filmi bilen Berlinde «Altyn aýy», 1983-nji ýylda «Ady: Karmen» filmi bilen Wenesiýada «Altyn ýolbars» baýraklaryna, 1987-nji we 1998-nji ýylda Sezar hormat sylagyna, 2010-njy ýylda-da Akademiýanyň (Oskaryň) hormat sylagyna laýyk görülýär. Godar Fransiýanyň meşhur ýokary okuw jaýy bolan Pariž uniwersitetiniň (Sorbonna) uçurymy bolup, ol Şweýsariýanyň hem raýatydy.




## 13-nji SKANWORD

**Akmyrat REJEPGULYÝEW,** *Mary welaýatynyň Ýolöten etrabyndaky 44-nji orta mekdebiň mugallymy, ylym-bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň işjeň agzasy.*

12-nji skanwordyň jogaby:



42-nji krosswordyň jogaby:





**DIKLIGINE:** **1.** Ybadat edilýän jaý, ýer. **2.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **3.** Tahallus. **4.** Gresiýanyň gadymy şäheri. **5.** Sada, türkana. **6.** «Suw gaýnap goýalmaz, ýaman hiç ... oňalmaz» (nakyl). **7.** Däneli ekin. **8.** Nesilden-nesle geçýän döwlet derejesi. **9.** Bitin zadyň deň ýary. **10.** Öwüt-ündew, maslahat. **11.** Rehimsiz, doňýürek. **17.** Esasan ABŞ-da ulanylýan ölçeg birligi. **20.** Bolaýmagy mümkin, ähtimal. **22.** Gyz ady. **23.** Gumda bitýän, ownuk ýaprakly, gyrymsy ösümlik. **25.** Edebi žanr. **27.** Ata-.... **28.** Beýleki bir zada garanda belentde, beýiklikde. **29.** Raýatlara we edara-guramalara hukuk kömegini berýän ýurist, aklawçy. **30.** Oglan ady. **31.** Türkiýäniň milli gutaby. **33.** Özbegistanda bir şäher. **35.** Taraçylykda ýüpek, ýüplük keleplenende daşyna kelep saralýan el guraly. **40.** Norwegiýada bir şäher. **41.** Özüňden uly zenan maşgala hormat bilen ýüzlenilip aýdylýan söz. **42.** Egin-eşik brendi. **47.** Eseriň öňünden getirilip, onuň ideýasyny suratlandyrýan gysgaça pikir. **49.** Deliller arkaly biriniň günäsizligi subut edilen. **51.** Ýylan (köne söz). **52.** Zyýany ýok, bolsa bolsun. **53.** «Däli köňlüm ... eder güllere» (Kemine). **54.** Oturymly ýaşalýan ýer, ýurt. **55.** Dowam edýän günüň yz ýanyndaky gün. **56.** Maşgalada, çagalar edaralarynda çagalara ideg, gözegçilik etmek bilen meşgullanýan gelin-gyz. **58.** Türkiýeli aktýor ... Saban. **60.** Hemmelere degişli, ortalyk. **61.** Bir zady ykrar etmezlik, ret etmek. **63.** Öý jandary.

**KESELIGINE:** **1.** Görip, içigara. **4.** Günden-ýagyşdan goranmak üçin enjam. **8.** Çig ýumurtganyň sarysyndan we ösümlik ýagyndan taýýarlanýan önüm. **12.** Birinden edilýän haýyş. **13.** Duýdansyz, birden (köne söz). **14.** Oglan ady. **15.** Arka tarap. **16.** Matematikanyň bir bölümi. **18.** Müşk, parfýum. **19.** Oglan ady. **21.** Hemişe bolşy ýaly. **24.** Türkmen milli oýny ...-Günterek. **26.** Bir zadyň ugurýoluny, tärini bilmeklik. **31.** Gep-gürrüň. **32.** Türkiýäniň egin-eşik brendi. **34.** Balygyň bir görnüşi. **36.** Gelin-gyzlaryň iki çekgesinden towlap goýberýän saçy. **37.** Ekerançylyk bilen meşgul bolýan oturymly ilat. **38.** Ýurdumyzda bir welaýat. **39.** «Hasratynda sahypjemal ýarymyň, ... eşkim, aby-rowandyr meniň» (Zelili). **43.** Gämileri bir buýruk bilen birleşdirmek. **44.** Amerikada bir çöl. **45.** Sahnada sazly-şahyrana keşpler janlandyrylýan sazly drama eseri. **46.** Gyz ady. **48.** Bergidar, bergili. **50.** Tagta oýny. **55.** Gyz ady. **57.** Aşhana guraly. **59.** Teatr oýunlarynyň bir žanry. **62.** Atyň toýnagyna kakylýan aýlawly demir. **64.** Oňurganyň çanaklyk süňki bilen birigýän ýeri. **65.** Rim şäheriniň çägindäki kiçi döwlet. **66.** Nurberdi Pommanyň bir romany. **67.** Organizmiň merkezi nerw ulgamynyň daşarky gyjyndyrmalaryna edýän täsiri. **68.** Göze ýakymly, gözel. **69.** Oglan ady.

## 43-nji KROSSWORD

**Söhbet AHMEDOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# «AHAL» ARATAPAWUDY 7 UTUGA ÝETIRDI

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 9-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Oýnalan 4 duşuşykda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy. Derbiler tapgyrynyň merkezi duşuşygy çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan «Ahal» bilen «Altyn asyryň» arasynda boldy. Çekeleşikli geçen oýunda «Ahal» topary 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. 17-nji minutda Resul Hojaýew hasaby açan bolsa, 65-nji minutda Didar Durdyýew ony 2-ä ýetirdi. Oýnuň 88-nji minutynda Röwşen Halmämmedowyň geçiren goly «Altyn asyra» ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Bu ýeňişden soň «Ahal» topary «Altyn asyr» bilen arasyndaky utuk aratapawudyny 7-ä çykardy. «Altyn asyr» şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.



Paýtagt derbisinde «Köpetdag» topary «Aşgabat» toparyndan 2–0 üstün çykdy. «Köpetdag» toparyna ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem 52-nji we 78-nji minutlarda Begenç Akmämmedow öz adyna ýazdyrdy. Balkan welaýat derbisinde-de ýeňiş kenarýaka şäheriniň topary «Şagadamyň» tarapynda boldy. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Şagadam» topary «Nebitçini» 6–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji ýarymda 4 gol geçiren «Şagadamyň» adyndan Kerim Hojaberdiýew (6), Mekan Aşyrow (23), Baýramgeldi Nurlyýew (33 p), Ylhas Magtymow (36), Akmämmet Metdäýew (62 p) hem-de Roman Galkin (67) tapawutlandy. Jemi 9 futbolçynyň sary kart alan oýnunda «Nebitçiniň» ýeke-täk goluny 75-nji minutda penaltiden Hemra Gulyýew geçirdi.

### KUBOK ÝARYŞY

Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary oýnaldy. «Ahal» öz meýdançasynda «Merwi» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Gollaryň 3-si 1-nji ýarymda geçirilip, «Ahalyň» adyndan Didar Durdyýew (2) bilen Gurbanguly Aşyrow (6), «Merwiň» adyndan bolsa Alibek Abdyrahmanow (19) derweze girizdi. Oýnuň 75-nji minutynda «Ahaldan» Arslanmyrat Amanow penaltini dürs urup bilmedi. «Energetik» öz meýdançasynda «Şagadamdan» 3–1 asgyn geldi (Mekan Aşyrow 23, Kerim Hojaberdiýew 54, Akmämmet Metdäýew 83 — Meýlis Durdyýew 60). Paýtagt derbisinde «Köpetdag» öz meýdançasynda «Aşgabatdan» 3–2 üstün çykdy. «Köpetdagyň» gollaryny Ylhas Saparmämmedow (28, 32) bilen Begenç Akmämmedow (61), «Aşgabat» toparynyň gollaryny-da Merdan Muhadow (7, 73) geçirdi. «Altyn asyr» bolsa öz meýdançasynda «Nebitçiniň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Oýnuň ahyrlarynda her topardan 1 oýunçynyň gyzyl kart alan duşuşygynda «Altyn asyryň» gollaryny Ylhas Toýjanow (14, 19), Ahmet Ataýew (32) hem-de Begençmyrat Myradow (33) derweze girizdi. Jogap oýunlary 21-nji sentýabrda oýnalar.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «AHAL» | 9 | 8 | 1 | 0 | 31–7 | 25 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 9 | 5 | 3 | 1 | 16–5 | 18 |
| 3 | «MERW» | 9 | 5 | 1 | 3 | 13–11 | 16 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 9 | 5 | 0 | 4 | 15–15 | 15 |
| 5 | «ŞAGADAM» | 9 | 4 | 2 | 3 | 17–12 | 14 |
| 6 | «ENERGETIK» | 9 | 2 | 1 | 6 | 6–21 | 7 |
| 7 | «AŞGABAT» | 9 | 2 | 0 | 7 | 10–16 | 6 |
| 8 | «NEBITÇI» | 9 | 1 | 0 | 8 | 9–30 | 3 |

# «Amerika Açyk» tennis ýaryşynyň täze ýeňijileri

**Tennis boýunça möwsümiň 4-nji «Uly tuwulga» ýaryşy «Amerika Açykda» erkekleriň arasynda Karlos Alkaras, zenanlardan polşaly Iga Şwentek çempion boldy. Ýeňijilere aýratynlykda 2,6 million dollarlyk pul baýragy berildi.**

**Umumy baýrak gaznasy 60 million 102 müň dollara deň bolan ýaryşda erkekleriň arasyndaky finalda ispaniýaly Karlos Alkaras bilen norwegiýaly Kasper Ruud duşuşdy. Çekeleşikli geçen finalyň 1-nji setinde Alkaras 6:4 ýeňiş gazandy. 2-nji setde Ruud 6:2 üstün çykyp, umumy hasaby deňledi. Taý-brege giden 3-nji setde 7:6 we 4-nji setde-de 6:3 hasaplar bilen garşydaşyny ýeňen Alkaras karýerasyndaky ilkinji «Uly tuwulga» kubogyny gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 5-nji, umumylykda 6-njy kubogy boldy. 19 ýaşyndaky Alkaras watandaşy Rafael Nadaldan soň («Fransiýa Açyk», 2005) «Uly tuwulga» gazanan iň ýaş ilkinji, umumylykda 8-nji tennisçi boldy. Tennisiň taryhynda «Açyk» döwürde 10-njy gezek 20 ýaşdan kiçi tennisçi tarapyndan «Uly tuwulga» kubogy gazanyldy. Alkaras amerikaly Pit Samprasdan soň (1990) «Amerika Açykda» ýeňiji bolan iň ýaş tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Bu çempionlykdan soň Alkaras ATP-niň sanawynda 1-nji orna geçdi. Ol 19 ýaş 4 aý bilen ATP-de 1-nji orna beýgelen iň ýaş tennisçi rekordynyň täze eýesi boldy. Bu ugurda öňki rekord 20 ýaş 8 aý 28 gün bilen awstraliýaly Lleýton Hýuwitte degişlidi.**



**142-nji gezek geçirilen «Amerika Açyk» tennis ýaryşynda zenanlaryň arasynda polşaly Iga Şwentek ýeňiş gazanyp, ol finalda tunisli Uns Jaberden üstün çykdy. Duşuşygyň 1-nji setinde Şwentek kynçylyk çekmezden 6:2 hasabynda ýeňiş gazandy. 2-nji setde ýeňijini taý-brek kesgitläp, polşaly tennisçi 7:6 öňe saýlandy we 2:0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Bu onuň karýerasyndaky 3-nji «Uly tuwulga» kubogy bolup, ol mundan öň «Fransiýa Açykda» 2 gezek (2020, 2022) çempionlyk gazanypdy. Şeýlelikde, 21 ýaşyndaky Şwentek russiýaly Mariýa Şarapowadan soň 3 «Uly tuwulga» gazanan iň ýaş tennisçi boldy. Şwentek karýerasy boýunça WTA-nyň ýaryşlarynda 11 gezek finala çykyp, diňe ilkinji gezekki finalynda utuldy. «Amerika Açyk» onuň yzly-yzyna 10-njy finaly bolup, ol şolaryň ählisinde-de kubogy eýelemegi başardy. WTA-nyň sanawynyň 1-nji belgili tennisçisi Şwentek şu möwsümde 2-si «Uly tuwulga», 4-si «Masters» — jemi 7 ýaryşda çempion boldy. Şwentek «Amerika Açykda» çempionlyk gazanan ilkinji polşaly zenan tennisçi hökmünde taryha girdi.**



**Tunisli Uns Jaber «Wimbledon»-dan soň «Amerika Açykda» hem 2-nji ýeri eýeläp, bassyr 2 «Uly tuwulga» ýaryşynyň finalynda asgyn geldi.**

# 24 ýyldan soň 4-nji çempionlyk

Woleýbol boýunça Polşa hem-de Sloweniýada geçirilen erkekleriň arasyndaky 20-nji Dünýä çempionatynda Italiýanyň ýygyndysy çempion boldy. Italýanlar Polşanyň Katowise şäherinde oýnalan finalda soňky 2 ýaryşyň çempiony, ýer eýeleri Polşanyň ýygyndysyndan 3:1 üstün çykmagy başardy. 1-nji setde polýaklar 25:22 ýeňiş gazansa-da, 2-nji setde 25:21 üstün çykan italýanlar hasaby deňledi. 3-nji setde 25:18, 4-nji setde-de 25:20 hasabynda ýeňiş gazanan Italiýanyň ýygyndysy 24 ýyldan soň 4-nji çempionlygyny gazanmagyň hötdesinden geldi. Italiýanyň ýygyndysy mundan öň 1990–94–98-nji ýyllarda yzly-yzyna 3 gezek çempion bolupdy.



Baýrakly 3-nji ýer ugrunda bolsa, Braziliýanyň ýygyndysy Sloweniýadan 3:1 (25:18, 25:18, 22:25, 25:18) hasabynda üstün çykyp, ilkinji sapar bürünç medal gazandy. Ýarym finalda Italiýa Sloweniýany (3:0), Polşa-da Braziliýany (3:2) ýeňipdi.

24 ýygyndynyň gatnaşan çempionatynda italiýaly Simone Jannelli ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

# Werstappeniň yzly-yzyna 5-nji üstünligi

Formula 1 boýunça möwsümiň 16-njy ýaryşy Italiýada geçirildi. Monza şäheriniň adybir trassasynda geçirilen ýaryşda 53 aýlawy 1 sagat 20 minut 27,511 sekuntda tamamlan «Red Bulluň» niderland sürüjisi Maks Werstappen bassyr 5-nji ýeňşini gazandy. Şu möwsümdäki 11-nji, karýerasyndaky 31-nji ýeňşini gazanan Maks Werstappen ýaryşa 7-nji orundan başlady. 5-nji aýlawda 2-nji orna, 33-nji aýlawda-da 1-nji orna geçen Werstappen «Ferrariniň» monakoly sürüjisi Şarl Lekleriň öňe saýlanmagyna mümkinçilik bermedi. Ýaryşa ilkinji hatardan başlan Lekleriň soňky 6 aýlawda howpsuzlyk ulagynyň trassa girmeginden soň, öňe saýlanmak mümkinçiligi bolmady. Lekleriň 2-nji bolan ýaryşynda «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassel 3-nji orny eýeledi. Ispaniýaly Karlos Saýns («Ferrari») 4-nji, britaniýaly Lýuwis Hamilton («Mercedes») 5-nji, meksikaly Serhio Peres («Red Bull») 6-njy orna mynasyp boldy.



16-njy ýaryşdan soň kemkemden çempionlyga barýan Werstappen 2-nji ýerdäki Lekler bilen utuk aratapawudyny 116-a ýetirdi. Werstappeniň 335, Lekleriň 219, Peresiň 210, Rasselliň 203 hem-de Saýnsyň 187 utugy bar.

Formula 1-de Ýewropadaky ýaryşlar tamamlanyp, mundan soňky 6 bäsleşik Aziýa we Amerika yklymlarynda geçiriler. Indiki ýaryş 2-nji oktýabrda Singapur döwletinde guralar.

# Möwsümdäki ilkinji ýeňşi

Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsümiň 11-nji ýaryşy Gresiýanyň Lamiýa şäherinde geçirildi. Ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň sürüjileri 1–2–3-nji orunlary eýelediler. 16 tapgyrdan ybarat bolan 303,30 kilometrlik ýaryşda belgiýaly Tierri Noýwill ýeňiş gazandy. Bu üstünlik pellehana 3 sagat 34 minut 52 sekuntda gelen sürüjiniň şu möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 16-njy ýeňşidir. Ýeňijiden 15 sekunt yza galan toparyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak 2-nji, 1 minut 49,7 sekunt soň pellehanadan geçen ispaniýaly sürüjisi Dani Sordo 3-nji orny eýeledi.



Möwsümiň tamamlanmagyna 3 ýaryş galanda, «Toyota Gazoo» toparynyň finlýandiýaly sürüjisi Kalle Rowanpera 207 utuk bilen liderligini dowam etdirýär. 2-nji ýerdäki Ott Tanakyň 154, 3-nji basgançakdaky Tierri Noýwilliň 131 utugy bar.

Möwsümiň 12-nji rallisi 29-njy sentýabr — 2-nji oktýabr aralygynda Täze Zelandiýada geçiriler.

# «Bawariýa» 30 oýundan bäri ýeňilmän gelýär

UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 2-nji duşuşyklar oýnalyp, jemi 39 gol hasaba alyndy. Nemes, italýan klublarynyň 3-si, iňlis we portugal klublarynyň 2-si ýeňiş gazandy. 7 oýunda ýer eýeleri, 6 oýunda myhmanlar üstün çykdy. 3 duşuşyk deňlikde gutaryp, olaryň birinde hasap açylmady.

**«A» toparçada** «Napoliniň» şemaly belentden öwüsýär. «Liwerpulyň» derwezesinden 4 gol geçiren Spallettiniň şägirtleri myhmançylykda britan adasynyň başga bir wekili «Reýnjersi» 3–0 hasabynda ýeňdi. 2-nji ýarymda geçirilen gollary Politano, Raspadori hem-de Ndombele öz atlaryna ýazdyrdylar. «Liwerpul» topary öz meýdançasynda «Aýaks» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňiş gazandy. «Liwerpulyň» gollaryny 5 oýundan soň tapawutlanan Salah bilen Matip derweze girizdi.

**«B» toparçada** garaşylmadyk netijeler hasaba alnyp, «Porto» öz meýdançasynda «Klub Brýuggeden» 4–0 asgyn geldi. Brýusselliler ilkinji gezek 1–2-nji duşuşyklarynda ýeňiş gazanmagy başardy. Soňky minutlarda 2 gol geçiren «Baýer» topary-da «Atletikony» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**«C» toparçada** tapgyryň merkezi oýnunda «Bawariýa» bilen «Barselona» duşuşdy. Çekeleşikli we gyzykly geçen oýunda münhenliler 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Hernandes hem-de Saneniň gollary bilen ýeňşini baýram eden «Bawariýa» soňky 5 duşuşykda «Barselonanyň» derwezesinden 19 gol geçirdi (4 gol geçirtdi). «Bawariýa» topary toparçalarda 30 oýundan bäri ýeňilmän gelýär we bu ugurda «Real Madridiň» rekordyna şärik boldy. Toparçadaky beýleki duşuşykda «Inter» myhmançylykda «Wiktoriýa Plzenden» Jeko (20) we Damfrisiň (70) gollary bilen 2–0 üstün çykdy. Buçanyň gyzyl kart almagyndan soň çeh topary soňky 30 minuty 1 oýunçy kem oýnady.



**«D» toparçada** «Sporting» topary soňky 3 minutda 2 gol geçirip, «Tottenham» klubuny Paulinio hem-de Artur Gomesiň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Şeýle-de, «Aýntraht» myhmançylykda «Marseli» Lindstromyň 43-nji minutdaky goly bilen 1–0 ýeňdi.

**«E» toparçada** tälimçisini çalşan «Çelsi» öz meýdançasynda «RB Salsburgy» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Gollary ýer eýelerinden Sterling, myhmanlardan 1-nji oýunda-da tapawutlanan Okafor geçirdi. «Milan» topary öz meýdançasynda «Dinamo Zagreb» bilen duşuşyp, 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Milan» Çempionlar Ligasynyň çäginde soňky 9 ýylda öz meýdançasynda ilkinji gezek ýeňiş gazanmagy başardy.

**«F» toparçada** «Şahtýor Donesk» Polşada «Seltik» bilen duşuşyp, oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. «Real Madrid» bolsa 80-nji minutdan soň 2 gol geçirip, «Leipsigi» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Realyň» gollaryny Walwerde bilen Asensio geçirdi. Ançelotti UÇL-de 100-nji ýeňşini gazanyp, ol Fergusondan soň 2-nji ýerde barýar.



**«G» toparçada** «Mançester Siti» bilen «Borussiýa Dortmundyň» duşuşygy çekeleşikli geçip, oýunda myhmanlar 56-njy minutda iňlis futbolçysy Bellingamyň goly bilen öňe saýlandy. «Premier Liganyň» çempiony 80-nji minutda Jon Stounzyň ajaýyp goly bilen hasaby deňledi. 84-nji minutda-da «Borussiýa Dortmundyň» ozalky ýyldyzy Erling Holann akrobatik hereketler bilen tapawutlandy we köne toparyny gynandyryp, täze toparyny begendirdi. «Mançester Siti» 21 oýundan bäri öz meýdançasynda ýeňilmän gelýär we bu ugurda olar «Çelsiniň» rekordyny gaýtalady. «Kopengagen» bilen «Sewilýanyň» arasyndaky oýun tapgyryň golsuz geçen ýeke-täk duşuşygy boldy.

**«H» toparçada** «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Benfika» bilen duşuşyp, 4-nji minutda Arkadiuş Milik turinlileri öňe saýlady. Ýöne soňlugy bilen, portugal topary 2–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, 1997-nji ýyldan soň ilkinji gezek Italiýadan 3 utuk bilen dolandy. Lissabonlylara ýeňiş getiren gollary 43-nji minutda penaltiden Žoao Mario, 53-nji minutda-da Dawid Neres geçirdi. Ysraýylyň Haýfa şäherinde oýnalan «Makkabi»–PSŽ duşuşygynda parižliler 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýer eýeleri 24-nji minutda Çeriniň goly bilen öňe saýlansa-da, 37-nji minutda super ýyldyz Lionel Messi hasaby deňledi. «Makkabi Haýfa» Messiniň gol geçiren 39-njy kluby bolup, ol bu ugurda Ronaldodan öňe saýlandy. Şeýle-de, Messi Çempionlar Ligasynda bassyr 18-nji möwsüminde-de gol geçirmegi başardy. 2-nji ýarymda-da PSŽ super ýyldyzlary Mbappe we Neýmaryň owadan gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi.

Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 3-nji duşuşyklar 4–5-nji oktýabrda oýnalar.

# ARGENTINANYŇ MILLI ÝYGYNDYSY

XXII Dünýä Kubogyna 65 gün galdy

Dünýä Kubogynda iň köp çykyş eden ýygyndylaryň biri-de Argentinanyň ýygyndysydyr. Argentinada futbol federasiýasy 129 ýyl mundan ozal, ýagny 1893-nji ýylyň 21-nji fewralynda esaslandyrylýar. 1912-nji ýylda FIFA-nyň, 1916-njy ýylda-da KONKAKAF-yň agzasy bolan Argentina bassyr 13-nji (1974-nji ýyldan bäri), umumylykda 18-nji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik eder (1930, 1934, 1958, 1962, 1966, 1974, 1978, 1982, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022). Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň diňe 4-sine gatnaşyp bilmedik argentinler 2 gezek çempionlyk gazanýar.

**Ilkinji duşuşyk:** Urugwaý—Argentina: 0–6 (1902)

**Iň uly hasaply ýeňşi:** Argentina—Ekwador: 12–0 (1942)

**Iň uly hasaply ýeňlişleri:** Çehoslowakiýa—Argentina: 6–1 (1958), Boliwiýa—Argentina: 6–1 (2009), Ispaniýa—Argentina: 6–1 (2018)

1930-njy ýylda Urugwaýda geçirilen ilkinji Dünýä Kubogynda Argentinanyň ýygyndysy 2-nji ýeri eýeleýär. Argentinler 1-nji toparçada Fransiýany asly italiýaly oýunçysy Luis Montiniň goly bilen 1–0 utýar. Monti argentinleriň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny geçiren futbolçy bolýar. Stabileniň het-trik eden oýnunda Meksikany 6–3, ýene-de şol futbolçynyň 2 gezek tapawutlanan duşuşygynda-da Çilini 3–1 ýeňýär. Ýarym finalda-da ABŞ-nyň ýygyndysyny 6–1 utup, finala çykýar. Bu duşuşykda Stabile bilen Peuçelleniň hersi 2 gol geçirýär. Finalda ýer eýesi Urugwaýdan 1-nji ýarymda 2–1 öňe saýlanandygyna garamazdan, 4–2 asgyn gelip, kümüş medala mynasyp bolýar. 1934-nji ýylda Italiýada geçirilen çempionatda Şwesiýadan 3–2 utulyp, ýaryşy ir terk edýär. Mundan soň 3 ýaryşa — ilkinji 2-sine FIFA öz nägileligini bildirip (ýaryşy özlerinde geçirmek hukugy berilmändigi üçin), 3-njisine bolsa syýasy sebäplerden gatnaşmaýar.

24 ýyldan soň Dünýä Kubogyna dolanan Argentinanyň ýygyndysy Şwesiýa 1958-de 1-nji toparçada G. Germaniýadan 3–1 utulýar. D. Irlandiýany şol hasap bilen ýeňen tangoçylar Çehoslowakiýadan 6–1 asgyn gelýär. Çili 1962-de Bolgariýany Fakundonyň ýeke-täk goly bilen ýeňip, Angliýadan 3–1 utulýar. Wengriýa bilen golsuz deňlik olara ýaryşy dowam etmek üçin ýeterlik bolmaýar. Angliýa 1966-da 2-nji toparçada Ispaniýany Artimeniň gollary bilen 2–1 utýar. Nemesler bilen deňme-deň oýnap, Şweýsariýany-da 2–0 ýeňýär. Çärýek finalda ýer eýeleri iňlislerden Jeff Hörstüň ýeke-täk goly esasynda 1–0 utulýar. Meksika 1970 olaryň gatnaşyp bilmedik soňky Dünýä Kubogy bolýar.

1974-nji ýylda Germaniýadaky çempionatda 4-nji toparçada Polşadan 3–2 ýeňilýär. Italiýa bilen utuklary paýlaşan Argentinanyň ýygyndysy Gaitini 4–1 hasabynda ýeňýär. Duşuşykda Ýazalde 2 gol geçirýär. 2-nji tapgyryň toparçasynda juda şowsuz çykyş edýär. Niderlandlardan 4–0, Braziliýadan 2–1 utulýar. Ýer eýeleri bilenem 1–1 deňme-deň oýnaýar. Argentinleriň Dünýä Kubogyny özlerinde guramak arzuwy ahyry 1978-nji ýylda hasyl bolýar. 1-nji toparçada Wengriýany Luke we Bertoniniň, Fransiýany-da Passarella we Lukeniň gollary esasynda 2–1 hasaplar bilen ýeňen Argentina Italiýadan 1–0 asgyn gelýär. 2-nji tapgyrda «B» toparçada Polşany Kempesiň gollary bilen 2–0 utýar. Braziliýa bilen golsuz deňlikden soň Perunyň ýygyndysyndan 6–0 üstün çykýar. Oýunda Kempes bilen Luke 2 gol geçirýär. Argentinler Buenos Aýresde oýnalan finalda-da Niderlandlary goşmaça wagtda 3–2 hasabynda ýeňýär. Argentinanyň ýygyndysyna ilkinji çempionlygyny gazandyran gollary Kempes (2) bilen Bertoni geçirýär.



Lionel Skaloni

4 ýyldan soň Ispaniýa 1982-de 3-nji toparçada Belgiýadan 1–0 utulyp, çempionata ýeňliş bilen başlaýar. Wengriýany 4–1 (Bertoni 26, Maradona 28, 57, Ardiles 60), Salwadory-da 2–0 (Passarella 22 p, Bertoni 54) ýeňip, 2-nji tapgyra çykýar. Ýöne 2-nji tapgyrda Italiýadan 2–1, Braziliýadan hem 3–1 asgyn gelip, ýaryşy dowam etdirip bilmeýär. Meksika 1986 Dünýä Kubogy super ýyldyz Maradonanyň çempionaty bolýar. «A» toparçada G. Koreýany Waldano (2) we Ruggeriniň gollary esasynda 3–1 ýeňýär. Italiýa bilen 1–1 (Maradona 34 — Altobelli 6 p) deňme-deň oýnap, Bolgariýany-da Waldano we Burruçaganyň gollary esasynda 2–0 ýeňýär. 1/8 finalda Urugwaýy Paskulliniň ýeke-täk goly bilen 1–0 utup, çärýek finalda-da Maradonanyň taryhy 2 goly bilen Angliýadan 2–1 üstün çykýar. Ýarym finalda Belgiýa bilen duşuşyp, Maradona ýene-de 2 gol geçirýär (2–0). Çekeleşikli geçen finalda Günbatar Germaniýany 3–2 (Brown 23, Waldano 55, Burruçaga 83 — Rummenigge 74, Wöller 80) hasabynda ýeňip, 2-nji gezek Dünýäniň çempiony bolýar.



Lionel Messi

Italiýa 1990-da Kamerundan Omam Byýygyň ýeke-täk goly esasynda utulyp, ýeňliş bilen başlaýar. Soňra SSSR-i 2–0 ýeňýär, Rumyniýa bilenem 1–1 deňme-deň oýnaýar. 1/8 finalda Braziliýany Kanijjanyň ýeke-täk goly bilen 1–0 utup, çärýek finalda Ýugoslawiýa bilen duşuşýar. Golsuz geçen oýunda penaltileriň netijesinde ýeňiş gazanyp, ýarym finalda Italiýanyň garşydaşy bolýar. Kanijja we Skillaçiniň garşylykly gollaryndan soň oýun 1–1 deňlikde tamamlanýar. Penalti urgularynda ýene-de bagty çüwen argentinler finalda 2-nji gezek nemesler bilen duşuşýar. Ýöne bu gezek 2 oýunçysy gyzyl kart alan Argentina Germaniýany ýeňmek başartmaýar. 1–0 utulan Argentina 2-nji gezek kümüş medal gazanýar. ABŞ 1994-de Gresiýany 4–0 (Batistuta 2, 44, 90 p, Maradona 60), Nigeriýany-da 2–1 (Kanijja 21, 28 —Siasia 8) ýeňip, şowly başlaýar. Ýöne Maradonanyň gadagan edilen närseleri ulanmagyndan soň ýygyndynyň ýagdaýy bulam-bujar bolýar. Bolgariýadan 2–0 utulan Argentina 1/8 finalda çekeleşikli geçen oýunda Rumyniýadan 3–2 asgyn gelýär. Duşuşykda Batistutanyň we Balbonyň gollary ýeňşe ýeterlik bolmaýar. Fransiýa 1998-de «H» toparçada Ýaponiýany Batistutanyň ýeke-täk goly bilen 1–0 utýar. Orteganyň 2 (31, 55), Batistutanyň 3 (73, 78, 83 p) gol geçiren oýnunda Ýamaýkany 5–0 ýeňýär. Gabriel Omar Batistuta 2 Dünýä Kubogynda het-trik eden ilkinji oýunçy bolýar (häzirlikçe ýeke-täk). Horwatiýany-da Pinedanyň goly esasynda 1–0 ýeňen Argentina 1/8 finalda köne garşydaşy Angliýa bilen duşuşýar. Bekhamyň gyzyl kart alan duşuşygy 2–2 (Batistuta 5 p, Zanetti 45+1 — Şirer 9 p, Owen 16) deňlikde gutarýar. Penaltileriň netijesinde 4–3 ýeňiş gazanan Argentina çärýek finalda Niderlandlardan 2–1 utulýar (Kluiwert 12, Bergkamp 90 — Lopez 17).

2002-nji ýyldaky çempionatda «F» toparçada Nigeriýany Batistutanyň goly bilen 1–0 ýeňýär. Bekhamyň penaltiden geçiren goly esasynda Angliýadan bu gezek asgyn gelýär. Şwesiýa bilen 1–1 deňme-deň oýnap, 4 utuk olara 1/8 finala çykmak üçin ýeterlik bolmaýar. Argentinanyň ýygyndysy 40 ýyldan soň toparçadan çykyp bilmeýär. Germaniýa 2006-da «C» toparçada Kot-d'Iwuary 2–1, Rodriges, Kambiasso, Krespo, Tewez, Messiniň gollary bilen Serbiýany-da 6–0 ýeňýär. Niderlandlar bilenem golsuz deňlikden soň 2-nji tapgyrda Meksika bilen duşuşýar. Goşmaça wagtda Krespo we Rodrigesiň gollary bilen 2–1 ýeňiş gazanyp, çärýek finalda ýer eýeleri Germaniýanyň garşydaşy bolýar. Duşuşyk Aýala we Kloseniň garşylykly gollary bilen 1–1 deňme-deň gutarýar. Penaltileriň netijesinde Germaniýa ýarym finala çykýar.

2010-njy ýylda Afrikada geçirilen çempionata Maradonanyň tälimçiliginde gatnaşan Argentina Nigeriýany 1–0 (Haýnze 6), Higuainiň het-trik eden oýnunda G. Koreýany 4–1, Gresiýany-da 2–0 ýeňýär. 1/8 finalda Tewez we Higuainiň gollary bilen Meksikadan üstün çykýar. Çärýek finalda ýene-de öňüne nemesler böwet bolýar. Germaniýadan 4–0 utulan argentinler çärýek finaldan öýüne gaýdýar.

2014-nji ýylda goňşusy hem-de esasy bäsdeşi Braziliýada geçirilen Dünýä Kubogynda şowly çykyş edýär. «F» toparçada Bosniýany 2–1, Eýrany Messiniň soňky minutdaky goly bilen 1–0, ýene-de Messiniň 2 gol geçiren oýnunda Nigeriýany 3–2 utýar. 1/8 finalda goşmaça wagtda Şweýsariýany (Di Mariýa 118), çärýek finalda-da Belgiýany (Higuain 8) 1–0 hasaplar bilen geçýär. Ýarym finalda Niderlandlar bilen golsuz deňme-deň oýnap, penaltileriň netijesinde üstün çykýar we 24 ýyldan soň 5-nji gezek finala çykýar. Mundan öňki 2 ýaryşda çärýek finalda utulan garşydaşy Germaniýa bu sapar finalda-da Argentinadan Gýotseniň goşmaça wagtdaky goly esasynda 1–0 üstün çykýar. Russiýa 2018-de «D» toparçada Islandiýa bilen 1–1 oýnan Argentinanyň ýygyndysy Horwatiýadan 3–0 asgyn gelýär. Nigeriýany 2–1 ýeňip, 1/8 finala çykan Argentina taryhy duşuşykda Fransiýadan 4–3 utulyp, ýaryşy ir terk edýär.

**Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda geçiren duşuşyklary:** 153 oýun, 86 ýeňiş, 42 deňlik, 25 ýeňliş, 262 — 135 gol

**Dünýä Kubogynda geçiren duşuşyklary:** 81 oýun, 43 ýeňiş, 15 deňlik, 23 ýeňliş, 137 – 93 gol

Günorta Amerikanyň kubogy bolan Kopa Amerikada 15 gezek çempionlyk gazanan Argentinanyň ýygyndysyna-da edil Urugwaýyň ýygyndysynda bolşy ýaly daşary ýurtly tälimçilerden diňe 1 hünärmen tälim berýär. Ol hem italiýaly Felipe Paskuçşi bolup, 1934-nji ýylda gysga wagtlyk işleýär. Fransisko Olazar, Gillermo Stabile, Hoze Maria Minella, Omar Siwori, Sezar Luis Menotti, Karlos Bilardo, Alfio Basile, Daniel Passarella, Marselo Bielsa, Hoze Pekerman, Diego Maradona, Alehandro Sabella, Herardo Martino, Horge Sampaoli ýaly ussatlar tälim berýär. 2018-nji ýylda bu wezipä bellenen Lionel Skaloniniň tälimçiliginde Katara gatnaşjak toparyň düzüminde ýyldyz oýunçylaryň sany juda köp. Otamendi, Martines, Tagliafiko, Di Mariýa, Paredes, De Paul, Messi, Lautaro Martines, Dibala, A. Korrea, H. Korrea ýaly ýyldyzlaryna bil baglaýan Argentina Katar 2022-de «C» toparçada Meksikadyr Polşanyň hem-de Saud Arabystanynyň ýygyndylary bilen duşuşar. Tangoçylar bu toparçadan çykyp bilmedik ýagdaýynda garaşylmadyk netije bolar. Sebäbi olary Lionel Messiniň hormatyna çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden hasaplaýanlaryň sany juda köp...

**Iň köp duşuşyk geçirenler:** Lionel Messi — 162, Hawier Maskerano — 147, Hawier Zanetti — 145

**Iň köp gol geçirenler:** Lionel Messi — 86, Gabriel Batistuta — 56, Serhio Aguero — 41

**ARGENTINANYŇ MILLI ÝYGYNDYSYNYŇ KATAR 2022-DÄKI DUŞUŞYKLARY:**

▶ 22-nji noýabr (15:00):
**ARGENTINA — S. ARABYSTANY** («Lusail Iconic», Lusail)

▶ 26-njy noýabr (00:00):
**ARGENTINA — MEKSIKA** («Lusail Iconic», Lusail)

▶ 30-njy noýabr (00:00):
**POLŞA — ARGENTINA** («Stadium 974», Doha)

# Toparçalardaky 2-nji duşuşyklaryň netijeleri:

**«LIWERPUL» — «AÝAKS»: 2–1**
(Salah 17, Matip 89 — Kudus 27)
**«REÝNJERS» — «NAPOLI»: 0–3**
(Politano 68 p, Raspadori 85, Ndombele 90+1)
**«PORTO» — «KLUB BRÝUGGE»: 0–4**
(Hutgla 15 p, Sowah 47, Skow Olsen 52, Nusa 89)
**«BAÝER» — «ATLETIKO»: 2–0**
(Andrih 84, Diabi 87)
**«BAWARIÝA» — «BARSELONA»: 2–0**
(Hernandes 50, Sane 54)
**«WIKTORIÝA PLZEN» — «INTER»: 0–2**
(Jeko 20, Damfris 70)
**«SPORTING» — «TOTTENHAM»: 2–0**
(Paulinio 90, Artur Gomes 90+3)
**«MARSEL» — «AÝNTRAHT»: 0–1** (Lindstrom 43)
**«ÇELSI» — «RB SALSBURG»: 1–1**
(Sterling 48 — Okafor 75)
**«MILAN» — «DINAMO ZAGREB»: 3–1**
(Žiru 45 p, Salemakers 47, Pobega 77 — Orşiç 56)
**«REAL MADRID» — «LEIPSIG»: 2–0**
(Walwerde 80, Asensio 90+1)
**«ŞAHTÝOR DONESK» — «SELTIK»: 1–1**
(Mudryk 29 — Bondarenko 10 ö.d.)
**«MANÇESTER SITI» — «BORUSSIÝA DORTMUND»: 2–1**
(Stounz 80, Holann 84 — Bellingam 56)
**«KOPENGAGEN» — «SEWILÝA»: 0–0**
**«ÝUWENTUS» — «BENFIKA»: 1–2**
(Milik 4 — Žoao Mario 43 p, Neres 55)
**«MAKKABI H» — «PARI SEN-ŽERMEN»: 1–3**
(Çeri 24 — Messi 37, Mbappe 69, Neýmar 88)



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.




*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# Yzly-yzyna 3-nji finaldan soň 3-nji çempionlyk

Futbol boýunça XIV Dünýä Kubogy 1990-njy ýylyň 8-nji iýuny — 8-nji iýuly aralygynda Italiýada geçirilýär. FIFA bu ýaryşyň Italiýada geçiriljekdigini 1984-nji ýylda Sürihde bolan ýygnakda mälim edipdi. Şonda Italiýa, ozalky SSSR-den, Gresiýadyr Angliýadan köp ses alyp, ikinji gezek Dünýä Kubogyny guramaga hukuk gazanýar.

Saýlama tapgyryna jemi 116 topar gatnaşyp, olaryň 22-si çempionatda çykyş etmäge ygtyýar alýar. Kosta Rikanyň, Irlandiýanyň we BAE-niň ýygyndylarynyň ilkinji gezek gatnaşan çempionatyna Wengriýanyň, Fransiýanyň, Polşanyň we Portugaliýanyň ýygyndylary gatnaşyp bilmeýär. Şeýle-de, Müsür 56 (1934), ABŞ 40 (1950), Kolumbiýa 28 (1962), Rumyniýa 20 (1970) ýyldan soň, täzeden Dünýä Kubogynda çykyş etmäge hukuk gazanýar. Müsüriň ýygyndysynyň mundan 56 ýyl ozal gatnaşan ilkinji Dünýä Kubogy ýaryşy hem Italiýada geçirilipdi. 24 topar 6 toparçada çykyş edip, ýaryşyň tertibi 1986-njy ýyldaky ýaly ulgamda geçirilýär. Çempionatyň açylyş duşuşygy soňky çempion Argentina bilen Kamerunyň arasynda oýnalyp, Waleriý Nepomniýaşiniň tälimçiligindäki Kamerun 1–0 hasabynda ýeňiş gazanýar.

**«A» toparçada** ýer eýesi Italiýa Awstriýany (Skillaçi 78) we ABŞ-ny (Jannini 11) 1–0, Çehoslowakiýany-da (Skillaçi 9, R. Bajjo 78) 2–0 hasaplar bilen ýeňýär. 40 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşan ABŞ-nyň ýygyndysy Çehoslowakiýadan 5–1 asgyn gelýär. 3-nji duşuşygynda Awstriýany 1–0 (Bilek 31 p) hasabynda ýeňen çehler toparçada 2-nji ýeri eýeleýär.

**«B» toparçada** açylyş duşuşygynda Kamerundan 1–0 (Omam Biýik 67) hasabynda asgyn gelen soňky çempion Argentina SSSR-iň ýygyndysyny Troglio (27) we Burruçaganyň (79) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňýär. Kamerunyň ýygyndysy Rumyniýany 58-nji minutda oýna giren Rojer Millanyň 76-njy we 86-njy minutdaky gollary bilen 2-1 utýar. Rumyniýa bolsa SSSR-i Lakatuşyň gollary esasynda 2-0 ýeňýär. Argentina bilen Rumyniýanyň arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmaýar (Monzon 62 – Balint 68). Kamerunyň ýygyndysy 3-nji duşuşygynda SSSR-den 4-0 utulýar. Netijede, Kamerun 1-nji, Rumyniýa 2-nji, Argentina 3-nji ýeri eýeleýär. 4-nji ýeri eýelän öňki Soýuzyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda soňky gezek SSSR ady bilen çykyş edýär.

**«C» toparçada** Braziliýa Şwesiýany 2–1 (Kareka 40, 63 – Brolin 79) , Kosta Rikadyr Şotlandiýany-da Mülleriň gollary esasynda 1–0 hasaplar bilen ýeňýär we 6 utuk toplaýar. Şotlandlardan Kaýassonyň ýeke-täk goly esasynda üstün çykan Kosta Rika Şwesiýany 2–1 hasabynda ýeňýär we ilkinji gezek gatnaşan ýaryşynda 4 utuk bilen 2-nji tapgyrda çykyş etmäge hukuk gazanýar.

**«D» toparçada** Günbatar Germaniýa Ýugoslawiýany 4–1 (Matteus 28, 64, Klinsmann 39, Wöller 70), BAE-ni hem 5–1 (Wöller 35, 75, Klinsmann 37, Matteus 48, Bein 58) hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Kolumbiýa bilen bolan duşuşykda 89-njy minutda Littbarskiniň goly esasynda öňe saýlanan nemesler 90+3-nji minutda Rinkonyň takyk urgusyna çäre tapyp bilmeýär (1–1). Bu deňlik BAE-ni 2–0 (Redin 50, Walderamma 85) utan, ýöne ýugoslawlardan 1–0 (Ýoziç 75) hasabynda asgyn gelen Kolumbiýanyň ýygyndysyna 2-nji tapgyra çykmak üçin petek bolýar. Soňky duşuşygynda Susiçiň (5), Pançewiň (9, 46) hem-de Prosineçkiniň (90+3) gollary bilen BAE-ni 4–1 hasabynda utan Ýugoslawiýa toparçada 2-nji orny eýeleýär.

**«E» toparçada** Urugwaý bilen 0–0 hasabynda deňme-deň oýnan Ispaniýa Günorta Koreýany Miçeliň het-trigi (22, 61, 81) bilen 3–1, Belgiýany-da 2–1 (Miçel 26 p, Gorris 38 – Werwoort 29) hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Urugwaýy 3–1 hasabynda ýeňen Belgiýa 2-nji bolup, toparçadan çykmagy başarýar. Fonsekanyň 90+1-nji minutda koreýleriň derwezesinden girizen goly Günorta Amerika yklymynyň wekiline ýaryşy dowam etdirmäge mümkinçilik berýär.

**«F» toparçada** oýnalan 6 duşuşygyň 5-si deňlikde tamamlanýar. Diňe 1 duşuşykda ýeňiş gazanylýar. 1-nji duşuşyklarda Angliýa bilen Irlandiýa 1–1 (Lineker 9 — Şidi 73), Niderlandlar bilenem Müsür 1–1 (Kieft 58 — Abdelgani 83 p), 2-nji duşuşyklarda-da Angliýa bilen Niderlandlar 0–0, Irlandiýa bilenem Müsür 0–0 deňme-deň oýnaýar. 2-nji duşuşyklardan soň 4 toparyň hem ýagdaýy birmeňzeş bolup, her toparyň 2 utugy, 1 goly bar. 3-nji duşuşyklarda-da Angliýanyň ýygyndysy Müsüriň ýygyndysyny Mark Raýtyň (58) ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňýär. Niderlandlar bilenem Irlandiýa 1–1 deňme-deň oýnaýar (Gullit 11 — Kuinn 71). Şeýlelikde, Angliýa, Irlandiýa we Niderlandlar ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar.

**Ikinji tapgyrda ýa-da 1/8 finalda** 4 oýunda esasy wagtda ýeňiji kesgitlenmeýär. Esasy wagty golsuz geçen Kamerun bilen Kolumbiýanyň arasyndaky duşuşykda Rojer Milla goşmaça wagtda toparyna ýeňiş getiren gollary




öz adyna ýazdyrýar (2–1; Rojer Milla 106, 109 — Redin 105). Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek Afrika yklymynyň wekili çärýek finala çykýar. Çehler üçin çärýek finala çykmak juda ýeňil bolýar. Olar Skuhrawynyň (12, 63, 82) hem-de Kubikiň (76) gollary esasynda Kosta Rikany 4–1 hasabynda utýar. 0–0 hasabynda tamamlanan oýunda Irlandiýa Rumyniýany penaltileriň netijesinde 5–4 ýeňýär. Irlandiýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň taryhynda Şwesiýadan soň (1938) ýeňiş gazanmazdan, çärýek finala çykan 2-nji topar bolýar. Dünýä futbolynyň öňdebaryjy 2 ýygyndysynyň arasyndaky oýunda Argentina Braziliýany Kanijjanyň 80-nji minutdaky owadan goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Dartgynly geçen duşuşykda Günbatar Germaniýa Niderlandlary 2–1 hasabynda ýeňip, ýaryşdan çykarýar (Klinsmann 51, Breme 85 — Kuman 89 p). San Siroda oýnalan duşuşyk gyzyl kart alan Frank Riýkaard bilen Rudi Wölleriň arasyndaky sene-mene bilen ýatda galýar. Şol sanda bu oýun «Milan» bilen «Interiň» arasyndaky duşuşyk hökmünde bellenilýär. Sebäbi Germaniýanyň esasy düzüminde 3 «interli» (Breme, Klinsmann, Matteus), edil şonuň ýaly-da, Niderlandlaryň düzüminde-de 3 «milanly» (Wan Basten, Gullit, Reýkaard) futbolçy bardy. Italiýa Urugwaýy 2–0 (Skillaçi 65, Serena 83), Angliýa Belgiýany goşmaça wagtda 1–0 (Dewid Platt 119) hasabynda ýeňip, çärýek finala çykýar. Ýugoslawiýa hem Ispaniýany goşmaça wagtda 2–1 hasabynda utýar (Stoýkowiç 78, 92 — Salinas 83).

**Çärýek finalda** Argentina Ýugoslawiýany esasy wagty golsuz gutaran oýunda penaltilerden soň ýeňlişe sezewar edýär (3–2). Italiýa Irlandiýadan Skillaçiniň (38), Günbatar Germaniýa-da Çehoslowakiýadan Matteusyň (25 p) gollary bilen 1–0 hasabynda üstün çykýar. Çärýek finalyň iň ýatda galan oýny Angliýa bilen Kamerunyň arasynda bolup, duşuşygyň meksikaly emini Kodesal 3 gezek ak nokady görkezýär. Netijede, goşmaça wagtda 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan iňlisler 1966-njy ýyldan soň ýarym finala çykýar (Platt 25, Lineker 83 p, 105 p — Kunde 61 p, Ekeke 65).

**Ýarym finalyň** 2 oýny-da 1–1 hasabynda tamamlanyp, finalçylar penaltileriň netijesinde kesgitlenýär. Neapoldaky Italiýa bilen Argentinanyň arasyndaky duşuşyk şol şäheriň ilaty üçin diýseň tolgundyryjy ýagdaýda geçýär. Bir tarapda şäheriň kluby «Napol» toparyna taryhyndaky iň uly ýeňişleri gazandyran Maradonanyň ýygyndysy Argentina, beýleki tarapda-da öz milli ýygyndylary. 17-nji minutda Skillaçi italýanlary öňe saýlasa-da, 67-nji minutda Kanijja hasaby deňleýär. Galan wagtda-da hasap üýtgemeýär. Netijede, oýundan soňky penalti urgularynda Italiýa 4–3 hasabynda asgyn gelip, çempion bolmak mümkinçiligini elden giderýär. Argentina bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji sapar finalda çykyş etmäge hukuk gazanýar. Beýleki ýarym finalda Günbatar Germaniýa bilen Angliýa duşuşýar. 60-njy minutda Germaniýadan Breme, 80-nji minutda-da Lineker tapawutlanýar. Goşmaça wagtda-da hasaby üýtgetmek iki toparyň oýunçylaryna-da başartmaýar. Oýundan soňky penalti urgularyny has dürs ýerine ýetiren nemesler bassyr 3-nji ýola finala çykmagy başarýar (4–3).

Bari şäherindäki San Nikola stadionynda bürünç medal ugrundaky duşuşykda ýer eýesi Italiýa bilen Angliýa duşuşýar. 1-nji ýarymy 0–0 hasabynda gutaran oýnuň 71-nji minutynda Roberto Bajjo italýanlary öňe saýlaýar. 10 minutdan soň Platt hasaby deňleýär. 86-njy minutda Skillaçi penaltiden tapawutlanyp, çempionatdaky 6-njy goluny geçirýär we Italiýa bürünç medala mynasyp bolýar. Şeýlelikde, Italiýa ýer eýesi hökmünde 3-nji ýeri alan 2-nji topar bolýar. Italýanlardan öň 1962-nji ýylda Çili ýer eýesi hökmünde bürünç medal gazanypdy.

## IŇ IÇGYSGYNÇ FINAL

Final oýny 8-nji iýulda Rimdäki Olimpiýa stadionynda bolup, oňa çärýek finalyň meşhur emini, meksikaly Edgardo Kodesal eminlik edýär. Duşuşyga tomaşa etmäge 73 603 janköýer gatnaşýar. 1986-njy ýylda çempionatyň finalynda-da duşuşan iki topar Argentina bilen Günbatar Germaniýa özara güýç synanyşýar. 4 ýyl öňki tutluşykda Günorta Amerika yklymynyň wekili 3–2 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Iň içgysgynç final hökmünde hasaba alnan bu finalyň 1-nji ýarymynda hasap açylmaýar. Oýnuň 65-nji minutynda argentinaly Pedro Monzon Klinsmanny ýykany üçin gyzyl kart alyp, ol Dünýä Kubogynyň final oýunlarynda gyzyl kart görkezilen ilkinji oýunçy bolýar. Duşuşygyň tamamlanmagyna 5 minut galanda-da, emin nemesleriň peýdasyna penalti urgusyny belleýär. Penaltini bolsa Andres Breme dürs ýerine ýetirýär 87-nji minutda argentinleriň ýene bir oýunçysy, has takygy, Gustawo Dezotti gyzyl kart alyp, meýdançadan çykarylýar. Netijede, soňky gezek Günbatar Germaniýa ady bilen Dünýä Kubogyna gatnaşan nemesler 4 ýyl öňki finalyň rewanşyny almagy başarýar. Günbatar Germaniýanyň ýygyndysy yzly-yzyna 3-nji synanyşygyndan soň, 3-nji sapar Dünýä Kubogyny eýeleýär.

● **GEÇIRILEN DUŞUŞYKLAR:** **«A»:** Italiýa—Awstriýa: 1–0, ABŞ—Çehoslowakiýa: 1–5, Italiýa—ABŞ: 1–0, Awstriýa—Çehoslowakiýa: 0–1, Italiýa—Çehoslowakiýa: 2-0, Awstriýa—ABŞ: 2–1; **«B»:** Argentina—Kamerun: 0–1, SSSR—Rumyniýa: 0–2, Argentina—SSSR: 2–0, Kamerun—Rumyniýa: 2–1, Argentina—Rumyniýa: 1–1, Kamerun—SSSR: 0–4; **«C»:** Braziliýa—Şwesiýa: 2–1, Kosta Rika—Şotlandiýa: 1–0, Braziliýa—Kosta Rika: 1–0, Şwesiýa—Şotlandiýa: 1–2, Braziliýa—Şotlandiýa: 1–0, Şwesiýa—Kosta Rika: 1–2; **«D»:** BAE—Kolumbiýa: 0–2, G. Germaniýa—Ýugoslawiýa: 4–1, Ýugoslawiýa—Kolumbiýa: 1–0, G. Germaniýa—BAE: 5–1, G. Germaniýa—Kolumbiýa: 1–1, Ýugoslawiýa—BAE: 4–1; **«E»:** Belgiýa—G. Koreýa: 2-0, Urugwaý—Ispaniýa: 0–0, Belgiýa—Urugwaý: 3–1, G. Koreýa—Ispaniýa: 1–3, Belgiýa—Ispaniýa: 1–2, G. Koreýa—Urugwaý: 0–1; **«F»:** Angliýa—Irlandiýa: 1–1, Niderlandlar—Müsür: 1–1, Angliýa—Niderlandlar: 0–0, Irlandiýa—Müsür: 0–0, Angliýa—Müsür: 1–0, Irlandiýa—Niderlandlar: 1–1

**1/8 FINAL:** Kamerun—Kolumbiýa: 2–1 (g.w.), Çehoslowakiýa—Kosta Rika: 4–1, Braziliýa—Argentina: 0–1, G. Germaniýa—Niderlandlar: 2–1, Irlandiýa—Rumyniýa: 0–0, 5–4 (p), Italiýa—Urugwaý: 2–0, Ispaniýa—Ýugoslawiýa: 1–2 (g.w.), Angliýa—Belgiýa: 1–0 (g.w.)

**ÇÄRÝEK FINAL:** Argentina—Ýugoslawiýa: 0–0, 3–2 (p), Irlandiýa—Italiýa: 0–1, Çehoslowakiýa—G. Germaniýa: 0–1, Kamerun—Angliýa: 2–3 (g.w.)

**ÝARYM FINAL:** Argentina—Italiýa: 1–1, 4–3 (p),
G. Germaniýa—Angliýa: 1–1, 4–3 (p)

**3-nji ÝER ÜÇIN:** Italiýa — Angliýa: 2–1

**FINAL:** Günbatar Germaniýa — Argentina: 1–0

## ITALIÝA 1990



**Çempion:** Günbatar Germaniýa
**2-nji ýer:** Argentina
**3-nji ýer:** Italiýa
**4-nji ýer:** Angliýa

**Gatnaşan toparlar (24):** ABŞ, Argentina, Angliýa, Awstriýa, Çehoslowakiýa, BAE, Braziliýa, Belgiýa, Ispaniýa, Irlandiýa, Italiýa, Müsür, Kamerun, Kosta Rika, Kolumbiýa, Günbatar Germaniýa, Günorta Koreýa, Niderlandlar, Rumyniýa, SSSR, Şotlandiýa, Şwesiýa, Urugwaý, Ýugoslawiýa

**Geçirilen wagty:** 8-nji iýun – 8-njy iýul (1990)
**Geçirilen duşuşyk:** 52 oýun
**Geçirilen gol:** 115 (ortaça 2,21)
**Tomaşaçy:** 2 516 215 (ortaça 48 389)
**Iň ökde oýunçy:** Salwatore Skillaçi (Italiýa)

## GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Irlandiýanyň, Kosta Rikanyň hem-de Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) ýygyndylary ilkinji gezek gatnaşýar.
- Italiýa Meksikadan soň Dünýä Kubogyny 2-nji gezek guran 2-nji ýurt bolýar.
- Çempionatda 115 gol geçirilip, ortaça alnanda iň az gol geçirilen (2,2) Dünýä Kubogy bolýar.
- Duşuşyklar 12 şäherde (12 stadionda) oýnalýar.
- Ýarym finaldaky Italiýa bilen Argentinanyň arasyndaky oýnuň goşmaça wagtynyň 1-nji ýarymyny tamamlamagy unudan fransiýaly emin Mişel Wautro artykmaç 9 minut oýnadýar.
- Çempionatyň iň köp gol geçiren oýunçysy italiýaly Salwatore Skillaçi karýerasy boýunça milli ýygyndynyň hatarynda tora salan 7 golunyň 6-syny (17 oýunda) bu ýaryşda öz adyna ýazdyrýar.
- Az goluň geçirilendigine garamazdan, teleýaýlymlarda iň köp tomaşa edilen Dünýä Kubogynyň biri bolýar.
- Duşuşyklar ilkinji gezek ýokary durulykda görkezilýär (HDTV). Bu ugurda italýanlaryň RAI hem-de ýaponlaryň NHK teleýaýlymlary bile işleşýär.
- Germaniýanyň tälimçisi Frans Bekkenbauer hem oýunçy, hem-de tälimçi hökmünde çempionlyk gazanan 2-nji tälimçi bolýar. Mundan öň braziliýaly Mario Zagallo 1958-nji we 1962-nji ýyllarda oýunçy, 1970-nji ýylda-da tälimçi hökmünde çempion diýen ada mynasyp bolupdy.
- Ilkinji gezek final oýnunda duşuşan toparlaryň birisi gol geçirip bilmeýär (Argentina). Şeýle-de, final duşuşygynda ilkinji gezek gyzyl kart görkezilýär. Finalda argentinaly futbolçylar — Pedro Monzon (65-nji minut) hem-de Gustawo Dezotti (87-nji minut) gyzyl kart alýar.
- Çempionatda «Adidas»-yň «Etrusco Unico» atly toplary ulanylýar. Çempionatyň maskoty «Ciao» diýlip atlandyrylýar.
- Seržio Goýkoçea, Breme, Buçwald, Barezi, Maradona, Matteus, Stoýkowiç, Donadoni, Skillaçi, Rojer Milla, Klinsmann dagy çempionatyň ýyldyzlary diýlip yglan edilýär.
- Italiýadaky bu ýaryş iň gopgunly çempionatlaryň biri bolup, esasanam, eminler köpleriň nägileligine sezewar bolýar.
- Bu çempionatda ilkinji sapar UEFA-nyň wekili finalda UEFA degişli bolmadyk topardan üstün çykýar.